TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
– TÜRKMENISTAN DÖWLETIMIZ SAGDYNLYGYŇ WE RUHUBELENTLIGIŇ MEKANYNA ÖWRÜLÝÄR. ÝURDUMYZDA SPORTY WE KÖPÇÜLIKLEÝIN BEDENTERBIÝÄNI ÖSDÜRMÄGE ULY ÜNS BERILÝÄR.

ZAMAN

INTERNATIONAL MEDIA TÜRKMENISTAN

5-nji awgust, 2022. Belgisi 31/1493


# AWAZA – SAGDYNLYGYŇ MEKANY



1-nji awgustda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň gatnaşmagynda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda täze döwrebap «Rowaç» kottejler toplumynyň açylyş dabarasy boldy.

Soňky ýyllarda türkmen topragynyň bu ajaýyp künjegi tanalmaz derejede özgerdi. Deňiz kenarynda ak mermerli kaşaň myhmanhanalar, kottej şäherçeleri, ýaht-klublar, çagalar sagaldyş merkezleri, sport desgalary guruldy, dynç alyş seýilgähleri we ýaşyl zolaklar, emeli derýa döredildi. Bularyň hemmesi, şol sanda ulag we inženerçilik-tehniki düzümleriň desgalary-da öňdebaryjy tehnologiýalary hem-de gurluşyk, binagärlik we bezeg ulgamlaryndaky özboluşly çözgütleri peýdalanmak arkaly, täzeçil çemeleşmeleriň esasynda bina edildi.

## 240 MAŞGALA NIÝETLENEN KOTTEJ ŞÄHERÇESI

Täze açyljak toplumyň ýanynda dabara gatnaşyjylar döwlet Baştutanymyzy uly ruhubelentlik bilen garşy aldylar. Sungat ussatlarynyň ýerine ýetiren aýdym-tansly kompozisiýasy dabara baýramçylyk öwüşginini çaýdy. Ýygnananlaryň şowhunly el çarpyşmalary astynda hormatly Prezidentimiz toý bagyny kesýär.

Döwlet Baştutanymyz toplumyň çägine girýär we onuň hyzmat ediş merkezine tarap ugraýar. Bu ýerde bir wagtda 900-e golaý adamy kabul etmäge ukyply hem-de 240 maşgala niýetlenen kottej şäherçesiniň düzümleri bilen tanyşýar.

Bu taslama Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň agzalary bolan «Sabyrly maşgala» hususy kärhanasy hem-de «Güneşli deňiz», «Kent gurluşyk» hojalyk jemgyýetleri tarapyndan amala aşyryldy. Gurluşygy üçin 10 gektar ýer bölünip berlen toplumyň abadanlaşdyrylan çäginde ähli amatlyklary bolan 48 sany 2 gatly kottejler, sport we çagalar üçin oýun meýdançalary, ýüzmek üçin açyk howuz ýerleşýär. Hyzmat ediş merkezinde restoran ýerleşdirilip, bu ýerde dynç alýanlara ýokary hilli hyzmatlar üpjün ediler. Hyzmat ediş merkeziniň binasynyň öňünde çagalar ýene-de öz çykyşlary bilen hormatly Prezidentimizi mübäreklediler. Döwlet Baştutanymyz çagalaryň haýyşy boýunça bilelikde ýadygärlik surata düşüp, toplum bilen tanyşmagyny dowam etdi.

## MILLI WE DAŞARY ÝURT AŞHANASYNYŇ TAGAMLARYNYŇ SERGISI

Ýolugra hormatly Prezidentimiz Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň jemgyýetçilik iýmiti ulgamynda ýöriteleşen kärhanalary tarapyndan guralan milli we daşary ýurt aşhanasynyň tagamlarynyň sergisi hem-de türkmen telekeçileriniň önümleri bilen tanyşdy.

Hödürlenilýän tagamlaryň arasynda gadymy usullara görä, sygyr, goýun, guş hem-de balyk etinden taýýarlanylan naharlar, däneli ösümliklerden, gök we bakja önümlerinden taýýarlanylan her dürli tagamlar, çorbalar, hamyrly önümler, süýt önümleri hem-de içgiler bar. Olardan tamdyrlamany, işleklini, ýarmany, dogramany, palawyň dürli görnüşlerini, çorbany, pişmäni, süzmäni, çaly, agarany we köp sanly beýleki tagamlary agzap geçmek bolar. Şunuň bilen birlikde, sergide ussat aşpezleriň deňiz önümlerinden taýýarlan özboluşly tagamlary hem-de süýjülikleri görkezildi.

Türkmen telekeçileriniň peýnirleriň, şöhlat, süýt hem-de süýji-köke önümleriniň, alkogolsyz içgileriň, miwe şireleriniň, doňdurmanyň ýokary hili bilen tapawutlanýan dürli görnüşlerini öndürýändiklerini bellemek gerek.

Bulardan başga-da, sergide ýurdumyzda öndürilýän ter gök we bakja önümleri görkezildi. Bir söz bilen aýdylanda, bu ýerde bereketli türkmen saçagynyň bolçulygy özüniň aýdyň beýanyny tapdy.

## MAŞGALA BOLUP DYNÇ ALMAK ÜÇIN ÄHLI AMATLYKLAR BAR

Soňra hormatly Prezidentimiz kottejlere tarap ugrady. Döwlet Baştutanymyz bu ýerde dynç alýanlar üçin döredilen şertler, otaglaryň ýerleşdirilişi hem-de enjamlaşdyrylyşy bilen gyzyklandy. Kottejlerde maşgala bolup dynç almak üçin ähli amatlyklar göz öňünde tutulypdyr.

Öýleriň her birinde mebeller bilen üpjün edilen ýatylýan hem-de myhman otaglary, degişli enjamlar ornaşdyrylan aşhana bar. Dynç alýanlar isleglerine görä, bu aşhanada nahar taýýarlap bilerler. Otaglaryň içki bezegi milli äheňde ýerine ýetirilipdir.

Bu ýerde dynç alýanlar üçin adam bedeniniň berkidilmegine gönükdirilen fiziobejergileriň toplumyny hödürleýän SPA merkezi, döwrebap ugurdaş enjamlar bilen üpjün edilen karaoke-bar göz öňünde tutulan. Bir söz bilen aýdylanda, «Rowaç» öz myhmanlary üçin iň ýokary derejedäki hyzmatlary hödürleýär.

Kottejler toplumy bilen tanyşlykdan soňra, hormatly Prezidentimiz Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň başlygyna täze toplum üçin niýetlenen awtoulaglaryň açarlaryny gowşurdy. Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň ýolbaşçysy hormatly Prezidentimizi TSTB-niň agzalarynyň mundan beýläk-de tutanýerli zähmet çekip, Watanymyzyň gülläp ösmegine mynasyp goşant goşjakdyklaryna ynandyrdy.



# TÜRGENLERI SYLAGLAMAK DABARASY

*3-nji awgustda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň tabşyrygy boýunça iri halkara ýaryşlarda – Russiýa Federasiýasynda geçirilen «Ýüpek ýoly – 2022» ralli-reýdinde hem-de geçen aýda Özbegistan Respublikasynyň Daşkent şäherinde ýetginjekleriň we ýaşlaryň arasynda agyr atletika boýunça geçirilen Aziýa çempionatynda baýrakly orunlary eýelän türgenleri sylaglamak dabarasy boldy.*

«Awaza» sport toplumynyň sportuň oýun görnüşleri binasynda geçirilen dabaraly çärä Hökümet agzalary, Milli Geňeşiň Halk Maslahatynyň, Mejlisiň, ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, jemgyýetçilik guramalarynyň, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleri gatnaşdylar.

Asylly däbe görä, dünýä derejeli sport ýaryşlarynda ýurdumyzyň adyndan mynasyp wekilçilik edip, baýrakly orunlara eýe bolan türgenler Diýarymyzyň sportuny ösdürmäge, sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy hökmünde Türkmenistanyň abraýyny yzygiderli ýokarlandyrmaga uly goşandyna hormat hökmünde döwlet derejesinde sarpalanýarlar.

Bu ýere ýygnananlar hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň halkara ýaryşlarda üstünlikli çykyş eden Türkmenistanyň ýygyndy toparlarynyň agzalaryna iberen Gutlagyny uly üns bilen diňlediler.

Döwlet Baştutanymyz Gutlagynda ýurdumyzda sporty we köpçülikleýin bedenterbiýäni ösdürmegiň döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridigini nygtap, ýurdumyzyň ähli künjeklerinde döwrebap sport toplumlarynyň, stadionlaryň we beýleki sport maksatly binalaryň gurlup ulanmaga berilmeginiň türgenlerimiziň dürli sport ýaryşlarynda üstünlikli çykyş etmegini hem-de olaryň baýrakly orunlara mynasyp bolmagyny şertlendirýändigini belledi.

Biziň türgenlerimiz şu ýylyň 15–25-nji iýuly aralygynda goňşy Özbegistanyň paýtagty Daşkent şäherinde geçirilen hem-de 21 ýurtdan 260-dan gowrak türgeniň gatnaşan agyr atletika boýunça ýetginjekleriň we ýaşlaryň arasyndaky Aziýa çempionatynda Türkmenistana mynasyp wekilçilik etdiler.

Agyr atletika boýunça Türkmenistanyň ýygyndy toparynyň agzasy, Aşgabat şäherindäki 104-nji orta mekdebiň 10-njy synp okuwçysy Medine Amanowa ýetginjek gyzlaryň arasynda 64 kilogram agram derejesinde çykyş edip, Özbegistandan, Gazagystandan, Hindistandan, Koreýa Respublikasyndan, Tailanddan, Bahreýn Patyşalygyndan ýaryşa gatnaşan bäsdeşlerini ýeňip, üç altyn medaly eýeledi. Ol 64 kilogram agram derejesinde ýaş gyzlaryň arasyndaky ýaryşlarda iki bürünç medala hem mynasyp boldy.

Beýleki bir zehinli türgen, agyr atletika boýunça Türkmenistanyň ýygyndy toparynyň agzasy, Aşgabat şäherindäki 20-nji orta mekdebiň 11-nji synp okuwçysy Saparly Muhyýew ýetginjek oglanlaryň arasynda 89 kilogram agram derejesinde çykyş edip, Özbegistanyň, Gyrgyzystanyň, Yragyň, Koreýa Respublikasynyň, Bahreýniň, Saud Arabystany Patyşalygynyň türgenlerinden öňe geçip, hormat münberiniň iň ýokary basgançagyna çykdy. Ýaş türkmen agyr atletikaçysy çykyşlarynyň netijesi boýunça jemi üç altyn medaly gazandy.

Şeýle-de türkmen türgenleri şu ýylyň ulag ýaryşlarynyň esasy wakalarynyň birinde – Russiýanyň Ýewropa böleginiň çäklerinde 6–16-njy iýulda geçirilen «Ýüpek ýoly – 2022» atly halkara ralli-reýd ýaryşynda mynasyp wekilçilik etdiler.

Geçilmeli ýoly çylşyrymly hem-de gyzykly bolan Astrahan–Moskwa ugry boýunça guralan bu gezekki ralli ýaryşyna dürli döwletlerden, şol sanda Russiýadan, Belarusdan, Bolgariýadan, Latwiýadan, Hytaýdan, Mongoliýadan jemi 32 topar gatnaşdy.

Türkmenistanyň awtomobil sporty boýunça ýygyndy topary T2 görnüşde üstünlik gazandy. «Türkmenawtoulaglary» agentliginiň wekili Merdan Toýlyýew we onuň şturmany Şöhrat Toýlyýew «Nissan Patrol» awtoulagynda çykyş edip, 1-nji orna – altyn medala we degişli Kuboga mynasyp boldy.

Döwlet Baştutanymyzyň tabşyrygy boýunça Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary N.Amannepesow bu ýere ýygnananlaryň şowhunly el çarpyşmalary astynda dabaraly ýagdaýda has tapawutlanan türgenlere Arkadagly Serdarymyzyň adyndan gymmat bahaly sowgatlary, täze sport awtoulagynyň açaryny hem-de «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda dynç almaga ýollanmalary, şeýle-de Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasy tarapyndan ýöriteleşdirilen egin-eşikleri gowşurdy. ■ 2

*Kerwene goşulanlar Astrahandan badalga alyp, 4463 kilometr aralygy geçip, pellehana – Moskwa şäherine geldiler. Ýoluň köp bölegini ýolsuz ýerler: sähra bölekleri, çägelikler, çylşyrymly dag we tokaý bölekleri düzdi. 10 günlük ralliniň netijeleri boýunça sylaglary gowşurmak dabaralary Moskwadaky «Lužniki» stadionynda geçirildi.*

## GDA-nyň başlyklygy Gyrgyzystana geçer

2023-nji ýylda GDA-nyň başlyklygy Gyrgyz Respublikasyna geçer. Bu barada GDA-nyň Ýerine ýetiriji komitetiniň başlygy – Ýerine ýetiriji sekretary Sergeý Lebedew habar berdi. 4

## «Booker»-iň uzyn sanawy

Pulitser baýragynyň eýesi amerikaly ýazyjy zenan Elizabet Straut we ýene-de 12 ýazyjy «Booker» baýragyna dalaş edýänleriň uzyn sanawyna girizildi. 5

## «Ferrari» ýalňyşýar, Werstappen ýeňiş gazanýar

Formula 1 boýunça möwsümiň 13-nji ýaryşy Wengriýada geçirildi. Paýtagt Budapeştdäki 4,3 kilometrlik «Hungaroring» trassasynda geçirilen ýaryşda «Red Bulluň» niderland sürüjisi Maks Werstappen ýeňiji boldy. 7

## Angliýanyň ilkinji çempionlygy

Futbol boýunça zenanlaryň arasyndaky 13-nji Ýewropa çempionatynda Angliýanyň, 9-njy Günorta Amerika çempionatynda-da Braziliýanyň ýygyndysy kubogy eýeledi. 8

# TÜRGENLERI SYLAGLAMAK DABARASY







Başlangyjy 1-nji sahypada.

Wise-premýer türgenleriň iri halkara ýaryşlarda Watanymyzyň Döwlet tuguny ýene-de ençeme gezek belende galdyrjakdyklaryna ynam bildirdi.

Hormatly Prezidentimiziň adyndan Türkmenistanyň awtomobil sporty boýunça milli ýygyndy toparynyň türgenlerine «Nissan Pathfinder» sport awtoulagy sowgat berildi. Döwlet sylaglaryna mynasyp bolanlar sporty we sagdyn durmuş ýörelgelerini wagyz etmek ugrundaky yzygiderli aladasy, ýurdumyzda sportuň dürli görnüşleri bilen meşgullanmaga, täze sport ýeňişlerini gazanmaga hemme şertleriň döredilendigi üçin döwlet Baştutanymyza we Gahryman Arkadagymyza tüýs ýürekden hoşallyk bildirip, berk jan saglyk, bagtyýarlyk, mähriban halkymyzyň hem-de Watanymyzyň bähbidine alyp barýan giň gerimli işlerinde üstünlikleri arzuw etdiler.

Halkara ýaryşlaryň baýrak eýeleri gazanan üstünliklerine ýokary baha berlendigi üçin ýene-de bir gezek hoşallyk bildirip, türkmen sportunyň abraý-mertebesini has-da belende götermek ugrunda mundan beýläk-de ähli tagallalaryny gaýgyrmajakdyklaryny ynandyrdylar.

Şeýle hem ajaýyp waka mynasybetli medeniýet we sungat ussatlarynyň konserti, türgenleriň görkezme çykyşlary guraldy.

* * *

Şol gün halkara ýaryşlara gatnaşyp, 2-nji we 3-nji baýrakly orunlara mynasyp bolan türgenlere hormatly Prezidentimiziň adyndan gymmat bahaly sowgatlar gowşurmak dabarasy boldy. Ýurdumyzyň awtomobil sporty bilen meşgullanýan türgenleriniň, Sport we ýaşlar syýasaty ministrliginiň, jemgyýetçilik guramalarynyň ýolbaşçylarynyň hem-de wekilleriniň, hormatly ýaşulularyň, ýaşlaryň gatnaşmagynda geçirilen bu çäre sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy hökmünde ykrar edilen Türkmenistanda ýokary netijeli sportuň ösdürilmegine uly üns berilýändiginiň aýdyň beýanyna öwrüldi.

## Çäklendirmeler doly ýatyryldy

Täze Zelandiýada koronawirus bilen bagly çäklendirmeler dolulygyna ýatyrylandan soňra halkara gatnawlar doly dikeldildi. Ýurt şu ýylyň fewral aýyndan bäri çäklendirmeleri tapgyrlaýyn aradan aýryp başlapdy. Indiden beýläk dünýäniň islendik ýurdundan Täze Zelandiýa baryp bolar. Täze Zelandiýa koronawirus pandemiýasy peýda bolan wagty, 2020-nji ýylyň martynda dünýäde ilkinjileriň hatarynda serhetlerini ýapypdy. Bu ýurduň serhedi diňe Awstraliýanyň raýatlaryna çäkli ýagdaýda açyk bolmagynda galdy. Awgustyň 1-inden başlap bu ýurda baranlaryň sanjym alan bolmagy we test etdirmegi talap edilýär, emma karantin düzgüni ýatyryldy. Şeýle hem ýurduň portlaryna uly ýolagçy gämileriniň gelmegine hem rugsat berildi.




Fransiýanyň hökümetiniň çözgüdi bilen 1-nji awgustdan halkara syýahatçylar üçin göz öňünde tutulan COVID-19 pandemiýasy bilen baglanyşykly çäklendirmeler hem ýatyryldy. Ýurduň içeri işler ministrliginiň habar bermegine görä, 1-nji awgustdan başlap ýurda gelýän daşary ýurtly raýatlardan talap edilýän doly sanjym edilendigi baradaky kepilnama ýa-da COVID-19 barlagynyň netijenamasy ýaly resminamalar talap edilmeýär.

Bu düzgün 1-nji awgustda güýje girdi we onuň Fransiýada dynç alyş döwrüniň iň gyzgalaňly döwründe serhetdäki barlag-goýberiş nokatlarynda işleriň çaltlanmagyna mümkinçilik berjekdigi mälim edildi. Mundan beýläk koronawirus pandemiýasyna garşy göreşiň çäklerinde adatdan daşary ýagdaý ýatyryldy. Mundan ozal Fransiýa barmakçy bolýan 12 ýaşdan uly raýatlardan koronawirus test barlagyndan geçmegi talap edilýärdi.

**Jennet BABAMYRADOWA,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

## Dünýäniň iň gowy açyk howuzlary

Tomus paslynyň dowam edýän yssy günlerinde suwda ýüzmegi halamaýan az bolsa gerek. Şeýle bolansoň esasy dynç alyş merkezlerinde, myhmanhanalarda ýörite howuzlar bar. Adatça adamlar yssy günlerde dynç almak üçin deňiz kenarlaryna gidýän hem bolsa, ýüzülýän howuzlaryň käbiri deňiz kenarynda ýerleşýär. Syýahatçylyk bilermenleri açyk asmanyň astyndaky dünýäniň iň gowy howuzlarynyň sanawyny taýýarlapdyrlar.



**«Gök lagun».** Islandiýanyň paýtagty Reýkýawikdäki bu howuz iň meşhur ýyly suwly şypahanalaryň birinde ýerleşýär. Hemişe gök reňkli bolýandygy sebäpli şeýle at goýlan howuz birnäçe gezek rejelenip, owadan binagärligi bilen hem tapawutlanýar.

**Kornwollyň howzy.** Angliýanyň iň giň howuzlarynyň biri bolan bu howuz 1935-nji ýylda açylypdyr. Penzans şäherinde deňiz kenarynda ýerleşýän howuz deňiz suwy bilen doldurylýar. Köp adam has howpsuz bolýandygy sebäpli deňiz kenaryna barsa-da howuzda ýüzmegi halaýar.

**Barton.** ABŞ-nyň Tehas ştatyndaky bu howuz hemişe diýen ýaly gök öwsüp oturan tokaýlygyň jümmüşinde ýerleşýär. Howuz emeli usulda döredilen hem bolsa, onuň suwy tokaýdaky tebigy çeşmelerden gelýär.

**Bondi.** Awstraliýanyň meşhur kenarýaka dynç alyş merkezindäki «The Iceberg Pool» ummanyň gyrasynda gurlupdyr.

## Batan gämiden gymmatly şaý-sepler tapyldy

350 ýyl töweregi mundan ozal Bahama adalarynyň golaýynda batan gämide galan zatlaryň üstünden baryldy. Akulalaryň we beýleki iri deňiz jandarlarynyň ýaşaýan ýeri bolan deňziň düýbünde XVII asyrdan bäri ýatan gämiden gymmat bahaly zatlar tapyldy. Tapylan zatlaryň arasynda altyn we kümüş şaýlyklar, dürli şaý-sepler, gymmatly daşlar, keramika önümleri we beýleki taryhy zatlar bar.



Ispaniýanyň iki gatly «Nuestra Senora de las Maravillas» atly gämisi 1656-njy ýylda batýar. Gäminiň jemi sekiz bölekden ybaratdygy çaklanylýan gymmatlyklarynyň köp bölegi 1990-njy ýyllaryň başyna çenli çykarylýar. Emma häzirkizaman tehnologiýasy ulanylyp, häzire çenli üstünden barylmadyk galyndylary hem tapyldy.

Açyşy amala aşyran «Allen Exploration» atly kompaniýanyň esaslandyryjysy Karl Allen bu gäminiň Bahama adalarynyň deňizçilik taryhynyň esasy simwolydygyny aýdyp, täze tapylan gymmatly zatlaryň golaýda muzeýde sergä çykaryljakdygyny mälim etdi.

## Elektrik energiýasy bilen işleýän ýük ulagynyň önümçiligine başlandy



«Mercedes» awtoulaglaryny öndürýän «Daimler» kompaniýasy elektrik energiýasy bilen işleýän ikinji ýük ulagynyň önümçiligini ýola goýdy. «Benz eConic» atly ýük ulagynyň zibilleriň ýygnalmagy we beýleki ýük gatnawlaryna niýetlenen görnüşleri öndürilýär. Elektrik energiýasy bilen işleýän ulaglaryň sanyny artdyrmagy maksat edinýän «Daimler Truck» Wört önümçilik desgasynda öndürilýär. Mundan ozal nemes brendi «eActros» atly ýük ulagynyň önümçiligini ýola goýupdy. Täze öndürilip başlanan ulag maý aýyndan bäri müşderiler tarapyndan synag edildi. Ilkinji «Benz eConic» ulagy Daniýada ulanyşdan galan harytlary ýygnamak bilen meşgullanýan «Urbaser A/S» kompaniýasyna berler. Täze öndürilýän ulaglar müşderilere tapgyrlaýyn ýetiriler. Elektrik energiýasy bilen işleýän ýük ulaglar adaty ýangyçly ulaglaryň öndürilýän konweýerinde öndürilýär. Ulagyň köp bölegi taýýar bolandan soňra täze desgada batareýa bilen bagly bölekleri oturdylar.

Täze elektrik ýük ulagynyň tehniki aýratynlyklary köp babatda «eActros» bilen meňzeş. Zibil ýygnamaga niýetlenen ilkinji ulag häzirki wagtda bu maksat bilen ulanylýan ýük ulagynyň bir çalşykda geçýän aralygyny zarýad bermesiz geçip bilýär.

Içiniň rahatlygy we multimediýa ulgamy bilen tapawutlanýan ýük ulagy howpsuzlygy bilen hem tapawutlanýar. Ulagyň panoramiki penjiresi ähli tarapy görmäge mümkinçilik berip, islendik howa şertlerinde bugarmagyň öňüni alýan ulgam bilen üpjün edilen. Nemes kompaniýasy 2050-nji ýyla çenli ulaglarynyň nol uglerodly bolmagyny maksat edinýär. Dünýäniň käbir sebitlerinde bu maksada has ir ýetiler.

## Awtoulaglar üçin Gün paneli



Kanadanyň «Capsolar» startapy pes tizlikde hereket edýän elektroulaglar üçin Gün panelini işläp taýýarlady. Täze işlenip taýýarlanan paneli ulaga oturtmak bolsa örän aňsat. Elektroulaglar hiç hili tüsse çykarmaýandygy sebäpli daşky gurşaw üçin zyýansyz hasaplanýar. Emma olara zarýad bermek üçin sarp edilýän elektrik energiýasynyň kömürden ýa-da beýleki zyýanly energiýa çeşmelerinden alynmagy tebigata zeper ýetirýär. Bilermenler elektrik energiýasynyň hem arassa çeşmelerden alnan ýagdaýynda daşky gurşawa zyýansyz boljakdygyna ünsi çekýärler. «Capsolar» atly startap golaýda «SM-550» atly Gün paneli ulgamyny tanyşdyrdy. Uzynlygy 2100 mm, ini 1320 mm we galyňlygy 25 mm bolan paneliň agramy 30 kilogram. Geçirilen synaglarda şeýle panel oturdylan ulagyň güneşli günlerde 26 göterime çenli artyk ýol geçýändigi anyklanypdyr. Paneliň ulagyň bir gezekki zarýady bilen geçjek ýoluna ortaça goşandy bolsa, 17 göterim bolupdyr. Çeýe materialdan öndürilen paneller islendik tekizlige oturdyp bolýar. «Capsolar»-yň hünärmenleri häzirki wagtda Gün paneliniň netijeliligini has-da artdyrmagyň aladasyny edýärler.

Üsti Gün paneli bilen örtülen ulaglar birnäçe ýyldan bäri öndürilýär. Käbir ýurtlarda bolsa otly wagonlarynyň üstüne Gün panelleri ýerleşdirilýär.

## Energiýa öndürýän suwüsti desga



Germaniýanyň arassa energiýa çeşmelerini öndürýän RWE kompaniýasy Demirgazyk deňziniň kyn howa şertlerine çydamly «ýüzýän» Gün panellerini işläp taýýarlaýar. Synaglar oňyn netije beren ýagdaýynda, geljek ýyl söwda maksatly önümçilik ýola goýlar. «SolarDuck» kompaniýasy bilen bilelikde taýýarlanýan taslamanyň çäklerinde açyk deňizlerde energiýa seýilgähleri döreder. Gün platformalary kenardan uzakdaky ýel beketlerine birikdirilip bilner. «Merganser» atly ilkinji önümçilik desgasy Belgiýanyň Ostende şäheriniň kenaryndan uzaklykda gurlar. Pilot maksatnamanyň kuwwaty 0,5 MW bolar. Bu taslama kyn tebigy we howa şertlerinde energiýa öndürmäge mümkinçilik berer. Üstüne Gün panelleri oturdylan üçburçluk görnüşli platformalar suwdan 5 metr belentlikde ýerleşdiriler. Sagatdaky tizligi 110 kilometre ýetýän ýele çydamly bolan bu panelleri 30 ýyla çenli ulanyp bolar.

RWE kompaniýasy bu tehnologiýany Niderlandlaryň deňiz kenaryndan 53 kilometr çemesi uzaklykdaky «Hollandse Kust» ýel energiýa bekedine hem ornaşdyrmagy maksat edinýär.

Kompaniýa bu tehnologiýanyň deňizlerdäki ýel beketleriniň çäginiň has netijeli peýdalanmagyna mümkinçilik berjekdigini aýdýar.

## Bilelikde çip öndürer

Soňky ýyllarda çip ýetmezçiligi sebäpli awtoulag we elektron enjamlaryň önümçiligi birnäçe gezek tapgyrlaýyn togtadylypdy. Ýarymgeçirijiler elektron enjamlaryň ähli görnüşlerinde, öý hojalyk tehnikalarynda, awtoulaglarda we beýleki önümlerde ulanylýar. Şeýle bolansoň ýokary tehnologiýa talap edýän bu harydyň önümçiligine hökümetler aýratyn goldaw berip başlady. ABŞ we



Ýaponiýa 2 nanometrlik çipleriň işlenip taýýarlanmagy we öndürilmegi üçin ýylyň ahyryna çenli bilelikdäki nou-hou merkezini açarlar. Ýaponiýanyň «Nikkei Asia» neşiriniň habaryna görä, Ýaponiýada açyljak merkez iki ýurduň kompaniýalarynyň durnukly üpjünçilik zynjyrlaryny döretmegine we bu ýetmezçiligi aradan aýyrmaga ýardam berer.

Ilkibaşda iki ýurduň hünärmenleri häzirkilerden has kuwwatly we energiýany tygşytly ulanýan 2 nanometrlik çipleri işläp taýýarlar. Şeýle hem merkezde nusgalyk çipleri öndürýän kiçiräk desga hem bolar. Taslamanyň ahyrky maksady 2025-nji ýyla çenli Ýaponiýada ösen çipleriň köpçülikleýin önümçiligine ýola goýmakdan ybarat.

## «Volkswagen» uçýan taksisini görkezdi

Dünýäniň öňdebaryjy awtoulag öndürijisi «Volkswagen» elektrik energiýasy bilen işleýän uçýan taksisini köpçülige görkezdi. «V.MO» atly nusgalyk ulag bir gezekki zarýady bilen 200 kilometr ýol geçýär. Häzire çenli uçýan ulaglaryň birnäçe görnüşi



tanyşdyryldy. Kiçi göwrümli uçýan ulaglary işläp taýýarlaýan kompaniýalaryň sany bolsa yzygiderli artýar. «Volkswagen China» tarapyndan taýýarlanan taslama Angliýanyň «Tangerine» dizaýn kompaniýasy we Hytaýyň «Sunward» awiakompaniýasy goldaw berýär. Howa ulagy şäherara ýolagçy gatnawy üçin niýetlendi. Uzynlygy 2 metr, giňligi 10,6 metr bolan ulagyň dikligine göterilmegi üçin sekiz peri we uçmak üçin iki sany yzky hereketlendirijisi bar.

«Volkswagen China» söwda maksatly ulagyň dolulygyna awtonom hereket edip biljekdigini, dört ýolagçyny goşlary bilen bile göterip biljekdigini habar berýär. Ýylyň ahyrynda taýýarlanan nusgalyk ulagyň synag uçuşlaryna başlanar.

## Ispaniýa Faýzan adasyny Fransiýa berdi

Ispaniýa Fransiýa bilen aralygyndaky Bidasoa derýasyndaky Faýzan adasyny Fransiýa berdi. Uzynlygy 200 metre barabar bolan, ýokardan seredilende pişme şekilli bu ada iki ýurt belli wagt aralygynda gezekli-gezegine eýeçilik edýär. Ispan kenaryndan 10 metr, fransuz kenaryndan 20 metr uzakdaky adanyň Fransiýa berilmegi bilen bagly dabara geçirildi. Adanyň Fransiýa tarapynda Andaý şäheri, Ispaniýa tarapynda Irun şäheri bar. Ada geljek ýylyň fewralyna çenli Fransiýanyň çägine degişli bolar. Fewraldan başlap alty aýlygyna ýene-de Ispaniýa geçer. Iki ýurduň arasyndaky parahatçylygyň simwoly hasaplanýan bu adadaky şeýle däp, 360 ýyldan bäri dowam edýär. Adada hiç hili ilat ýaşamaýar.



## MARSA ýene iki ulag iberiler

Häzire çenli Ýere iň ýakyn planeta bolan Marsyň orbitasyna we ýüzüne birnäçe emeli hemra hem-de dürli maksatly enjamlar iberildi. ABŞ-nyň Aerokosmos edarasy (NASA) 2027-nji ýyla çenli Gyzyl planeta ýene-de iki ulagy iberer. Bu enjamlar 2033-nji ýyla çenli planetanyň daşlaryny, topraklaryny Ýere getirer. Häzirki wagtda Marsda «Perseverance» marsahody hem-de «Ingenuity» dikuçary arkaly ylmy barlaglar dowam etdirilýär. Gyzyl planetany guşçar belentlikden surata we ýazga almaga niýetlenen kiçi göwrümli «Ingenuity» dikuçary hem-de alty tigirli «Perseverance» marsahody 2020-nji ýylyň 30-njy iýulynda uçurylypdy. Şondan 7 aý çemesi wagtdan soňra – 2021-nji ýylyň 18-nji fewralynda Gyzyl planeta gondurylypdy. Täze maksatnamanyň çäklerinde «Ingenuity» dikuçarynyň ýygnan toprak nusgalary hem Ýere getiriler. Täze iberiljek enjamlar tigirli we gysgyçly bolar. NASA-nyň Marsdan nusgalyk almak boýunça maksatnamasynyň ýolbaşçysy Jeff Gramling nusgalary yzyna getirmekde «Perseverance» marsahodyna bil baglaýandyklaryny aýtdy. Maksatnamanyň çäklerinde Ýewropanyň Kosmos Agentligi bilen bilelikde 30 töweregi nusgalyk Ýere getiriler.

Häzire çenli «Ingenuity» Marsyň ýüzünde 29 gezek uçdy, «Perseverance» bolsa 11 nusgalyk ýygnady.

## «Ferrari»-niň girdejisini artdyran modeller

Italiýanyň «Ferrari» kompaniýasy aprel-iýun aýlarynda 1,3 milliard ýewrolyk girdeji gazandy. «Bloomberg»-iň pikir soraşmasynda bu görkezijiniň 1,2 milliard ýewro bolmagyna garaşylýardy. Ýokary tizlikli ulaglary öndürýän kompaniýanyň şeýle girdeji gazanmagyna «Portofino M» we «F8» modelleriniň satuwynyň täsirli bolandygy mälim edildi. «Ferrari NV» ýylyň ikinji çärýeginde Hytaýdan we ABŞ-dan garaşylandan ýokary sargyt kabul etdi.

Häzirki wagtda kompaniýa Italiýanyň demirgazygyndaky taryhy zawodyny elektroulag merkezine öwürmegi maksat edinýär. Bu täzelik köp ýangyç sarp edýän kuwwatly ulaglary öndürýän kompaniýalaryň hem elektroulag önümçiligine geçip başlandygyny görkezýär. Kompaniýa elektrik energiýasy hem-de gibrid ulaglary işläp taýýarlamak üçin 4,4 milliard ýewro maýa goýum goýar. 2026-njy ýyla çenli kompaniýanyň öndürjän ulaglarynyň 60 göterimini şeýle ulaglar emele getirer. Şu ýylyň sentýabrynda bolsa, kompaniýa adatdaky pes we iki gapyly sport ulaglaryndan düýpgöter tapawutlanýan SUV ulagy bolan «Purosangue»-ni tanyşdyrar.



ZAMAN TÜRKMENISTAN
ESASLANDYRYJYSY – «ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI
Awgust aýynyň 5-i, 2022 Belgisi: 31/1493
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-109889 Tiražy: 6747
Bahasy: 4,50 manat
BAŞ REDAKTOR MYRATDURDY GARJANOW
JOGAPKÄR KÄTIP AMANMYRAT BAÝMYRADOW
BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy. Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-06, 28-14-36
www.zamanturkmenistan.com.tm / info.zamanturkmenistan@gmail.com
BELLIK: Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.
Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

# Edermen babadaýhanlarymyzyň zähmet üstünligi

***«Halkyň Arkadagly zamanasy» ýylynyň her bir güni ýatdan çykmajak taryhy wakalara, hoş habarlara beslenip, ýurdumyzyň taryhyna altyn harplar bilen ýazylýar. Arkadagly Serdarymyzyň şu ýylyň 29-njy iýulynda sanly ulgam arkaly geçiren iş maslahatynda ýurdumyzyň edermen babadaýhanlarynyň döwlete galla tabşyrmak baradaky hoş habaryň beýan edilmegi buýsançly wakalaryň biri boldy. Çünki bol galla hasylynyň kemala gelmegi saçaklarymyzyň rysgal-berekedi, döwletimiziň iň gymmatly baýlygy bolup, ýurdumyzda azyk bolçulygynyň döredilmeginiň esasy şerti bolup durýar.***





Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe babadaýhanlaryň gazanan bu üstünligi Garaşsyzlygymyzyň 31 ýyllyk toýuna mynasyp zähmet sowgady boldy. Iş maslahatynyň dowamynda hormatly Prezidentimiz babadaýhanlary gazanylan bu ajaýyp zähmet üstünligi bilen gutlap, daýhanlarymyzyň mundan beýläk hem oba hojalyk ekinlerinden bol hasyl öndürjekdiklerine uly ynam bildirdi. Şeýle hem Arkadagly Serdarymyz sanly ulgam arkaly geçiren iş maslahatynda birnäçe kararlary kabul etdi. Şonda geljek 2023-nji ýylda bugdaý öndürmek bilen bagly kärendeçi-daýhanlar bilen şertnama baglaşmak, daýhan hojalykçylar, mülkdarlar we beýleki hususy önüm öndürijileriň şertnamadan artyk öndüren bugdaý hasylynyň bir tonnasyna 1600 manatdan hak tölemek boýunça kabul eden kararlary oba zähmetkeşlerini öňküden hem gaýratly zähmet çekmäge ruhlandyrýar, täze-täze zähmet üstünliklerini gazanmaga uly badalga berýär.

Arkadagly Serdarymyzyň bimöçber aladasy bilen milli ykdysadyýetimizde esasy uly orun degişli bolan oba hojalyk pudagyny ösdürmek, bu pudagy iň bir girdejili pudaga öwürmek boýunça ägirt uly işler durmuşa geçirilýär. Kärendeçileriň öndürijilikli işlemekleri, bereketli türkmen topragyndan bol hasyl öndürmekleri üçin ähli mümkinçilikler döredilýär. Ýer-suw serişdelerinden netijeli peýdalanmak, ýerleriň meliorativ ýagdaýyny gowulandyrmak, şorlaşma garşy göreşmek, ýerleriň hasyllygyny ýokarlandyrmak boýunça alnyp barylýan işler özüniň guwandyryjy netijelerini hem berýär. «Halkyň Arkadagly zamanasy» ýylynda bol galla hasylynyň Watan harmanyna tabşyrylmagy muňa aýdyň şaýatlyk edýär. Häzirki wagtda kärendeçi-daýhanlar, mülkdarlar, daýhan hojalykçylar hasyldan boşan meýdanlary geljek ýylyň hasylyna taýýarlamak, güýzlük bugdaý ekişini öz wagtynda we ýokary hilli geçirmek ugrunda aladalanýarlar. Şonda bugdaý meýdanlarda sürüm, tekizleme işleri geçirilýär. Bu işi ýerine ýetirmekde etrap tehniki hyzmat ediş kärhanasynyň tehnikalary daýhanlaryň iň ýakyn daýanjy bolup durýar. Sürüm we tekizleme işleriniň talabalaýyk geçirilişine degişli hünärmenler berk gözegçilik edýärler. Bu möhüm işleriň ýokary hilli agrotehniki talaplara görä ýerine ýetirilmegi, ýerleriň oňat taplanmagyna, suwuň atyzlara birtekiz düşüp, suwdan oňat ganmagyna uly mümkinçilik berýär. Kärendeçi daýhanlar hem özleriniň garamagyndaky ýerleriň gyra-töwereklerinde, çillerde arassaçylyk işlerini geçirýärler, akabalary gyrmançalardan arassalaýarlar. Güýzlük bugdaý ekişine ählitaraplaýyn ykjam taýýarlyk görülmegi ekişi bellenen wagtda geçirmeklige uly mümkinçilik berer. Munuň özi kärendeçileriň geljek ýylda hem bol galla hasylyny ösdürip ýetişdirmeginiň esasy şerti hasaplanýar. Ýurdumyzy ösüşleriň täze belentliklerine alyp barýan Arkadagly Serdarymyzyň jany sag, ömri uzak bolsun, her bir döwletli tutumlary hemişe rowaçlyklara beslensin.

**Gülhumar HOJAHMETOWA,**
*Türkmenistanyň Agrar partiýasynyň Daşoguz welaýatynyň Köneürgenç etrap komitetiniň esasy hünärmeni.*

# Sanly ykdysadyýet – kuwwatly ulgam

Häzirki wagtda «Sanly ykdysadyýet» düşünjesi dünýäde gün-günden ynamly ornaşýar. «Sanly ykdysadyýet» adalgasy ilkinji gezek 1995-nji ýylda Massaçusets uniwersitetiniň alymy Nikolas Negroponte tarapyndan tehnologiýalaryň ýokary depginli ösmegi netijesinde ykdysadyýetiň täze görnüşiniň emele gelendigi bilen baglanyşykly ulanylyp başlanypdyr. Sanly ykdysadyýet maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalara esaslanan ykdysady, durmuş we medeni gatnaşyklaryň ulgamy bolup, internetiň we öýjükli aragatnaşygyň esasy tehnologiýalary bolup hyzmat edýär. Sanly ykdysadyýetiň ösüşi ykdysadyýetiň ähli ugurlaryna täsir edýär. Olara saglygy goraýyş, bilim, maliýe hyzmatlary, ulag-aragatnaşyk ulgamy we beýleki pudaklar degişlidir.

Her bir pudagyň zähmet öndürijiligini öňdebaryjy döwletleriň derejesine ýetirmek, pudaklarda bäsdeşlige ukyply eksporta gönükdirilen önümçiligi döretmek, maýa goýum mümkinçiliklerini täze derejelere ýetirmek maksady bilen, ykdysadyýetiň ähli pudaklarynyň ýerine ýetirmeli sanly işleriniň, hyzmatlarynyň görnüşlerini kesgitlemek, olaryň görnüşlerini yzygiderli kämilleşdirmek işleri utgaşdyrylýar. Bu wezipeleriň üstünlikli durmuşa geçirilmegi BMG tarapyndan yglan edilen Durnukly ösüş maksatlarynyň Türkmenistanda durmuşa or-



naşdyrylmagyna hem giň mümkinçilikleri döredýändigi, uzak möhletli döwürde durnukly ösüşi üpjün etmäge ýardam edýändigi bellidir.

Häzirki wagtda ýurdumyzda milli ykdysadyýetimizi ösdürmekde alnyp barylýan işler bu ulgamy innowasion ýola geçirmegi çaltlandyrmaga, ylym işini talap edýän pudaklarda iş bilen üpjünçiligi artdyrmaga, önümçilige döwrebap tehnologiýalary ornaşdyrmaga, elektron resminama dolanyşygyna geçmäge ýardam edýär.

Sanlylaşdyrmagyň esasy ugurlarynyň biri hem kitaphana işidir. Häzirki wagtda kitaplar elektron görnüşinde hem-de onlaýn düzgüninde elýeterli bolup, kompýuteriň ýa-da ykjam telefonyň üsti bilen kitaphana «girip», gerekli neşiriň sanly nusgasyny almak bolýar. Ýurdumyzyň Medeniýet ministrliginiň garamagyndaky merkezi kitaphanada öňdebaryjy tehnologiýalara we iň gowy dünýä tejribesine esaslanan bitewi elektron ulgam döredildi. Kitaphanalaryň işgärleriniň arasynda sanly nou-haulary peýdalanmak bilen, olaryň işiniň netijeliligini artdyrmaga ýardam edýän usulyýet okuwlary, okuw-maslahatlary, bäsleşikler geçirilýär.

Ýurdumyzyň milli ykdysadyýetini we ylym-bilim ulgamlaryny ösüşiň täze derejelerine çykarýan, bu ugurlarda halkara hyzmatdaşlygyň ösdürilmegine ýardam edýän, biz talyp ýaşlary okamaga, işlemäge, döretmäge, halal zähmet çekmäge ruhlandyrýan, türkmen halkyny nurana ertirlere ynamly öňe alyp barýan Arkadagly Serdarymyzyň jany sag, il-ýurt bähbitli, halkara derejeli beýik tutumlary uly ösüşlere beslensin.

**Baýly HÜMMEDOW,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň talyby.*

# Arassaçylyk – saglygyň gözbaşy

***Biziň her birimiz şahsy we jemgyýetçilik arassaçylyk düzgünlerini berk berjaý etmeli***

☑ Pasla görä geýniň! Günüň ýiti şöhlesinden goranyň!

☑ Wagtal-wagtal öý otaglarynyň penjirelerini açyp, howasyny tämizläň!

☑ Nahar taýýarlamazdan, çagany iýmitlendirmezden, nahar iýmezden öň we daşardan geleniňizden hem-de hajathanadan çykandan soň elleriňizi akýan suwuň aşagynda sabyn bilen gowy edip ýuwuň! Mümkin boldugyça elleriňizi gözüňize, burnuňyza we agzyňyza degirmäň!

☑ Diňe arassa agyz suwuny ýa-da gaýnadylyp, sowadylan suwy içiň!

☑ Agyz-burun örtügüni ýapyk binalarda we jemgyýetçilik ulaglarynda dogry we doly dakynyň!

☑ Howpsuz araçägi saklaň! Esasan hem, ýiti respirator keselleriniň alamatlary bar bolan adamlar bilen.

☑ Üsgüreniňizde we asgyranyňyzda agzyňyzy we burnuňyzy elýaglyk bilen ýapyň! Ulanylan bir gezeklik elýaglyklary ýörite niýetlenen gutulara taşlaň! Kadaly iýmitleniň, witaminlere we fitonsidlere baý gök we miwe önümlerini iýiň, Türkmenistanda ösýän dermanlyk ösümliklerinden taýýarlanan melhem çaýlaryny we gök çaý içiň!

☑ Işjeň hereketde boluň, bedenterbiýe we sport bilen meşgullanyň!

☑ Öz wagtynda öňüni alyş sanjymlaryny maşgala lukmany bilen maslahatlaşyp alyň!

***Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň Saglygy goraýşyň habarlar merkezi.***

# Ýurdumyzda zenan mertebesi

***Zemin hem zenan sözleriniň sazlaşykly eşidilmeginde özboluşly many-mazmun bar. Çünki Zemin adamzady ekleýän bolsa, zenan maşgalanyň sarsmaz sütünidir. Hawa, zenan maşgalanyň görki, örki, durky. Zenan mährem enemiz, dözmez uýamyz, wepaly ýarymyz, hamrak gyzymyz. Halkymyz zenany enem, uýam, ýarym, gyzym diýip ezizläp söýýär, maşgalanyň namysyna deňäp goraýar, hormatlaýar. Zenany mähek daşyna meňzedýän milletimiz «Zenan mähek daşydyr» diýen pelsepäni döredipdir. «Zenan milletiň ýüzüniň tuwagydyr», «Gyz edebi – il edebi» diýmek bilen pederlerimiz zenanyň edebine-ekramyna aýratyn üns beripdirler. Ata-babalarymyz humaý oturyşly, laçyn turuşly, käkilik ýörişli diýip, zenanyň hereketlerindäki, edebindäki sazlaşygy şahyrana wasp edipdirler.***

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe bagtyýar ýaşaýan halkymyz bu gün Arkadagly Serdarymyzyň baştutanlygynda abadançylygyň we bolçulygyň hözirini görüp asuda ýaşaýar, döredijilikli işleýär, ynamly gurýar. Eziz Diýarymyzda ähli ugurlarda gazanylýan üstünlikler, ýetilýän sepgitler has-da guwandyryjydyr. Ata Watanymyz Türkmenistan dünýäniň ynamly ösýän, günsaýyn kuwwatlanýan we gözelleşýän döwletleriniň sanawyna ymykly goşuldy. Gazanylýan bu taryhy ýeňişlerde, şöhratly üstünliklerde ýurdumyzda jemgyýetimize peýdaly zähmet bilen meşgullanýan her bir raýatyň, şol sanda zenanlaryň hem mynasyp zähmet goşantlarynyň bardygy aýratyn guwandyryjydyr. Türkmen jemgyýetinde zenana hemişe aýratyn hormat, aýratyn sarpa bilen garalypdyr. Berkarar döwletiň bagtyýar zenanlary jemgyýetçilik ösüşiniň ähli ugurlaryna – syýasy, ykdysady, sosial, medeni ugurlaryna işjeň gatnaşýarlar. Bu ugurlarda gazanylýan üstünliklere mynasyp goşant goşýarlar.

Häzirki zaman halkara jemgyýetçiligi zenanlaryň we erkekleriň deň hukuklylygyny adam hukuklarynyň aýrylmaz bir bölegi we durmuş taýdan adalatlylygy üpjün etmegiň şertleriniň biri hökmünde kabul edýär. Garaşsyz Türkmenistanyň halk hojalygynyň dürli pudaklarynda, döwlet



dolandyryş edaralarynda, ylym-bilim, medeniýet, sport we oba hojalygy ulgamlarynda zenanlar erkekler bilen deň derejede zähmet çekýärler. Ýurdumyzda aýal-gyzlaryň bähbitleri, hukuklary döwlet tarapyndan berk goralýar. Olara döredijilikli zähmet çekmäge, abadan durmuşda ýaşamaga ähli amatly mümkinçilikler döredilendir.

Häzirki döwürde ýurdumyzda aýal-gyzlar ýokary jemgyýetçilik-syýasy derejä eýe. Ýurdumyzyň Esasy Kanunynda milletine, jynsyna, gelip çykyşyna, emläk we wezipe ýagdaýyna, ýaşaýan ýerine, diline, dini garaýşyna, syýasy ygtykadyna garamazdan adamyň we raýatyň kanun öňündäki deňligi kepillendirilýär. Esasy Kanunymyzyň 20-nji maddasyna laýyklykda, «Türkmenistanda erkekler bilen aýallar deň raýatlyk hukuklaryna eýedirler. Deň hukuklylygyň jyns alamaty boýunça bozulmagy kanun esasynda jogapkärçilige getirýär.»

Zenanlaryň hukuklarynyň deňligi barada Konstitusiýamyzda kepillendirilen kadalar milli kanunçylygymyzda has-da giňeldildi, kämilleşdirildi. 2007-nji ýylda Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan «Aýallaryň deň hukuklylygynyň döwlet kepillikleri hakynda» Türkmenistanyň Kanuny kabul edildi. Kanunda zenanlaryň ýurdumyzyň syýasy, ykdysady, medeni we jemgyýetçilik durmuşynyň beýleki ugurlarynda erkekler bilen deň hukuklylygyna döwlet kepillendirmeleri bellenýär. Bu kanun aýallar barada göni we gytaklaýyn kemsitmeleri gadagan edýär.

Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan döwletimiz diňe bir içeri syýasatda aýal-gyzlar babatda deň hukuklylyk syýasatyny amala aşyrman, eýsem, bu ugurda dünýä jemgyýetçiligi tarapyndan durmuşa geçirilýän çärelere-de işjeň gatnaşýar. Muňa mysal edip, ýurdumyzyň Aýallar barada kemsitmeleriň ähli görnüşlerini ýok etmek hakyndaky BMG-niň Konwensiýasyna, deň gymmatly zähmet üçin erkeklere we aýallara deň hak tölemek barada Halkara zähmet Guramasynyň Konwensiýasyna, adamlaryň, aýratyn hem aýallaryň we çagalaryň söwdasyna ýol bermezlik we onuň öňüni almak hakyndaky Teswirnama goşulandygyny aýdyp bileris. Ýurdumyz adam hukuklary baradaky beýleki halkara şertnamalarydyr ylalaşyklaryna-da goşuldy we olary amal etmek babatynda ähli çäreleri durmuşa geçirýär. Bu biziň döwletimiziň halkara abraýyny barha artdyryp, ýurdumyzyň ykdysady taýdan kuwwatlydygynyň, döwletimiziň hemmetaraplaýyn ösýändiginiň, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesiniň ýokarlanýandygynyň aýdyň subutnamasydyr.

**Gülruh HALJANOWA,**
*Agrosenagat işgärleriniň Kärdeşler arkalaşygynyň Daşoguz şäher Geňeşiniň başlygy, TKA-nyň Daşoguz welaýat birleşmesiniň ilkinji zenanlar guramasynyň başlygy.*

# Zehinli kinorežissýory ýatlap

***Türkmenlerde «Ata kesbi - ogla halal» diýip, örän jaýdar aýdylan söz bar. Asyrlarboýy jan hem ten bilen eýlenen ýol mähir we terbiýe bilen sepleşip, gadymy mirasyň nesilleriň kalbynda ebedi ýaşamagyna esas bolupdyr. Biziň halkymyzda bu entegem şeýle. Durmuşda perzentleriň ata ýoluny, ene kesbini saýlaýan pursatlaryna ýygy-ýygydan gabat gelýäris. Bu Magtymgulynyň waspyny eden derelerinde tenekär ot-çöpleri ýygnap, rowaýat köküni diňläp, Sumbar jülgesiniň şirin suwly çeşmelerinden gana-gana öz sesiniň ýaňyna guwanyp aýdym aýdýan Orazyň durmuşynda hem hut şeýle bolupdy.***









Orazyň kakasy Akmämmet aga-da, ejesi Oguldursun eje hem ykbalyny sungata bagyşlan adamlardy. Akmämmet aga oba klubunda kinogörkeziji bolup işleýärdi. Oguldursun eje bolsa etrabyň kitaphanaçysydy. Her gün agşam maşgala agzalary bir ýere jem bolanda täze kino eserleriniň, iň oňat kitaplaryň, etrap medeniýet öýüne getirilen sahna oýunlarynyň gürrüňi edilýärdi. Ýogsa oba durmuşyna mahsus bolan hysyrdylar maşgalada azlyk etmeýärdi. Mal-gara, ekin-dikin, howla serenjam bermek ýaly aladalar bu maşgaladan hem asla üzňe däldi. Bular şeýde-şeýde ýedi çagany kemala getirdiler. Üç ogul, dört gyza edep-terbiýe berip, olary bilimli adamlar edip durmuş ýoluna atardylar.

Oraz Orazow 1961-nji ýylyň 16-njy noýabrynda Balkan welaýatynyň Magtymguly etrabynda gullukçy maşgalasynda eneden bolýar. Orta bilimi şol etrabyň 2-nji orta mekdebinde alan Oraz okuwçy döwründe aýdym-saz sapagy bilen içgin gyzyklanýar, mekdepde hereket edýän aýdym-saz gurnagyna gatnap, her gezek geçirilýän dabaralarda çykyş edýär.

Ol okuwyndan boş wagty kakasynyň işleýän ýeri bolan oba klubyna baryp, kakasynyň kino görkezişini öwrenipdir, oba klubyna gelen ähli filmleri ýatdan bilipdir, filmleriň gahrymanlarynyň döreden keşplerini, sözlerini ýat tutupdyr. Şeýlelikde, Oraz ýaşlygyndan kino sungatynyň jadylaýjy güýjüne baglanyp, öz geljekki hünärini kesgitläpdir. Akmämmet aga bolsa oglunyň bu pikirini goldapdyr. Kakasy ogluna ata-baba ruhy siňen topragyň taryhy hakynda ýaşululardan eşiden täsirli rowaýatlaryny gürrüň beripdir. Wagtyň geçmegi bilen Oraz kino eseriniň görkezilişiniň tilsimlerini öwrenýär, soňabaka özi özbaşdak kino görkezmegi özleşdirip başlaýar.

Orta mekdebi tamamlanyndan soň, Daşkendiň teatr we çeperçilik institutynyň aktýorlary taýýarlaýan bölümine resminamalaryny tabşyryp, döwlet synaglaryndan üstünlikli geçip, talyp bolan Oraz institutda professor Mihail Fattakowdan aktýor ussatlygy boýunça tälim alýar. Oraz bilen bir ýylda okan Şirli Mollaýew, Öwez Hudaýgulyýew, Orazgeldi Rejepow, Nury Hudaýgulyýew, Akmyrat Arçykow, Orazjemal Hotjyýewa dagy hormatly atlaryň, döwlet sylaglarynyň eýeleri. Instituty üstünlikli tamamlap gelen Orazy şol wagtky Aman Gulmämmedow adyndaky Ýaş tomaşaçylar teatryna aktýor edip işe alýarlar. Onuň ilkinji işleriniň biri «Gülle deşen telpek» spektaklynda Mahmydyň keşbidir. O.Orazow bu teatryň sahnasynda Hommat Müllügiň pýesasy esasynda sahnalaşdyrylan «Sawçylar» atly spektaklda baş keşpde - Oraz atly ýigidiň keşbinde çykyş edýär. Şondan soň Oraz «Kemal» spektaklynda Rajyň, «Uly oglum» spektaklynda Busyginiň, «Halas ediň!» spektaklynda Nurynyň keşplerini ussatlarça janlandyryp, teatr muşdaklarynyň söýgüsine mynasyp bolmagy başarýar. Orazguly Annaýewiň «Gyzaryp ýaşan şapak» pýesasy esasynda sahnalaşdyrylan spektakldaky Nazaryň keşbi hem köp tomaşaçylaryň ýadyndadyr. Ol bu teatrda 8 ýyla golaý işleýär, şol döwürlerde ýaş aktýor kinorežissýorlaryň ünsüni özüne çekýär. Orazyň aktýor hökmünde janlandyran keşplerinden «Ýaşlygymyň kasamy» atly çeper filmdäki baş gahryman Döwletiň, «Zäherlenen söýgi» atly çeper filmdäki aýdymçy ýigidiň, «Serhetçi» filmindäki serhetçiniň, «Öwrüm» filmindäki kapitan Batyrowyň, «Mysgal» filmindäki Myradyň keşpleri onuň özboluşly zehinini açan keşplerdir.

90-njy ýyllaryň başynda filmleriň režissýory hökmünde ilkinji işlerini halk köpçüligine hödürläp başlan Oraz ençeme ilhalar filmleri döredýär. 1993-1995-nji ýyllarda hünärini kämilleşdirmek maksady bilen Moskwanyň ýokary kinematografiýa institutynyň kinorežissýorlary taýýarlaýan bölümine okuwa giden Oraza halypa kinorežissýor Bulat Mansurow tälim berýär. Kinematografiýa institutynyň birinji ýylynda okap ýörkä, Oraz ýyllyk işi üçin Daşkentde bile okan ýoldaşy Nury Hudaýgulyýewiň aýdýan «Ykbalym» atly aýdymyny wideo görnüşler bilen sýužete öwürmek işini saýlap alýar. Soňra şol aýdym köp ýyllaryň dowamynda mawy ekran arkaly görkezilip, halkyň söýüp diňleýän aýdymyna öwrülýär.

«Eseri döredýän her bir awtoryň öz aýratynlygy bolýar. Kinorežissýor hem suratkeş mysaly wakany, häsiýeti, meseläni, hadysany janlandyrýar, şekile geçirýär. Ýöne ol şekiller hereket edýär, seslenýär». Bu režissýor Oraz Orazowyň ýörelgesi. Şonuň üçin ol öz işlerini kinematografik serişdeler, diňe kinonyň özüne mahsus bolan aýratynlyklar bilen beýan etmäge ymtylýar. Keýpi, häsiýeti sözden öňürti reňkleriň, öwüşginleriň üsti bilen ýüze çykarmak, aktýor replikasyny režissýoryň hususy görüşi bilen baýlaşdyrmak, özara söhbete awtoryň pikir ýöretmesi bilen düşündiriş bermek, pikir bermek üçin bir kadrda uzak eglenmek Orazyň halypalaryndan öwrenen ýoludyr. Bu onuň «Şükür bagşy» ýaly nusgawy filmi döreden Bulat Mansurowyň terbiýe mekdebini geçeninden soňky eserleriniň aglabasynda duýulýar. Çünki asly Türkmenistandan bolan mugallymy Bulat Mansurow Oraz üçin talyplyk ýyllarynda okadan, tälim beren ussady bolmak bilen bir hatarda hakyky hossarydy, durmuş mekdebiniň hem halypasydy. Oraz topardaky talyp ýoldaşlary bilen ussadynyň şol ýyllarda döreden «Bulgaryň mylaýym şemaly» atly köp seriýaly çeper filminiň surata düşürilişine gatnaşýar. Halypasy bilen surata düşürilýän meýdançada egin-egne berip işleşmek, onuň guramaçylyk işlerini ýerine ýetirmäge gatnaşmak Oraz üçin gymmatly tejribe bolýar.

O.Orazow komediýa žanrynda hem öz ukybyny synap gören režissýorlaryň biridir. Onuň döreden «Şaýly gelin» atly çeper filmi köpleriň ýadyndadyr. Şol filmde esasy gahrymanlar Toty eje (Orazgül Abbasowa) bilen Nutdy aganyň (Öwez Gelenow) aralarynda düşünişmezlik bolýan pursadynda Orazyň awtor hem režissýor hökmünde tapan çözgütleri kinonyň şowly çykmagyna öz täsirini ýetiripdir. «Türkmenfilmde» dürli ýyllarda işlän Oraz Orazow «Ýylanly ada», «Öwrüm» (bilelikde), «Halal gazanç», «Keteni», «Oguz hekaýaty», «Haly rowaýaty», «Serhetçi», «Şaýly gelin», «Kalbymyň owazy», «Törebeg hanym», «Muňa durmuş diýerler» (bilelikde), «Ýalkamyş bagşy», «Buzly köşk», «Mollanepes», «Bugdaý sümmül bolanda», «Talyp durmuşy» ýaly çeper, dokumental filmleriň onlarçasyny döretdi. Ol köp ýyllaryň dowamynda türkmen telewideniýesinde hem işledi. Şol ýyllarda köp seriýaly telewizion filmleri, şekilli aýdymlary, «Duýgy» atly çeper filmi, kiçi göwrümli telewizion dokumental filmleri döretdi.

Zehinli kinorežissýor Oraz Orazow Oguz han adyndaky «Türkmenfilm» birleşiginde goýujy kinorežissýor hökmünde ululy-kiçili filmleriň ençemesini döredip, kinomuşdaklarynyň söýgüsini gazanmagy başardy. Ol 2006-njy ýyldan başlap Türkmen döwlet medeniýet institutynda zähmet çekmek bilen, teatr sungaty fakultetiniň talyplary bilen önümçilik tejribeliginiň çäklerinde «Ynsan ömri» diýen okuw-synag filmini hem surata düşürýär, birnäçe filmler üçin edebi esaslary hem taýýarlaýar.

Oraz Orazow Oguz han adyndaky «Türkmenfilm» birleşiginde önümçilige goýberilen «Serpaý» atly filmiň awtory hem režissýorydyr. Bu filmiň wakasy meşhur şahyr Gurbannazar Ezizowyň durmuş ýoluny, onuň ýaşlygynyň geçen ýyllaryny öz içine alýar. Bu film hem kino muşdaklarymyzyň söýgüsine mynasyp bolan film bolupdy. Ol «Türkmenfilm» birleşiginde işlän döwründe ýolbaşçy wezipelerde hem işlemek bilen, işgärlere mylakatly, şol bir wagtyň özünde hem talabediji bolup, öz ukyp-başarnygyny iş tejribesi bilen utgaşdyrmagy başarypdy. Onuň «Türkmenfilm» birleşiginde sylag-hormaty uludy, işgärlerinden döredijilikli işlemegi talap etmek bilen, ssenarileriň talabalaýyk ýazylmagy, filmleriň şowly çykmagy üçin jan aýaman işlärdi. Zehinli kinorežissýor O.Orazow bir gezek galamgärler bilen bolan söhbetdeşlikde şeýle diýipdi:

«Köneden gymmatyny gaçyrman gelýän baý däp-dessurlarymyzy, Gahryman Arkadagymyzyň umumadamzat bähbitli, parahatçylyk söýüjilikli syýasatlaryny, şöhratly taryhymyzda yz galdyran milli gahrymanlarymyzy täsirli ekran eserleriniň üsti bilen dünýä ýaýmak her bir kino we telewideniýe işgäriniň borjudyr. Mynasyp işlemek üçin ýokary tehniki mümkinçilikleriň döredilýän döwründe bu ugurda zähmetimizi gaýgyrmarys».

O.Orazow bilen ençeme ýyllaryň dowamynda egin-egne berip bile işleşen halypa kinorežissýor Amanmuhammet Döwletow bolsa şeýle diýýär:

«Oraz tüýs kino sungaty üçin dünýä inen ynsandy. Muňa biz onuň iş tejribesini synlanymyzda hem doly göz ýetiripdik. Ol tüýs sungata, onda-da kino sungatyna berlen ynsandy. Ol kino sungatyny Watanyny, maşgalasyny, muşdaklaryny söýşi ýaly söýýärdi. 2021-nji ýylyň sentýabrynda aramyzdan giden zehinli sungat işgäri, kinorežissýor Oraz Orazow biziň ýüreklerimizde baky ýaşar».

**Akmyrat HOJABERDIÝEW,**
*Oguz han adyndaky «Türkmenfilm» birleşiginiň hünärmeni.*

# Baş sekretaryň orunbasary boldy

BMG-niň Baş sekretary Antonio Guterreş hytaýly diplomat Li Szýunhuanyň BMG-niň Baş sekretarynyň Ykdysady we durmuş meseleleri boýunça orunbasary wezipesine bellenendigini habar berdi. BMG-niň Baş sekretarynyň metbugat sekretarynyň beýanatyna görä, Li Szýunhua bu wezipedäki watandaşy Lýu Çženminiň ýerine geçdi. Antonio Guterreş Lýu Çženmine Baş sekretaryň orunbasary wezipesinde işlän döwründe BMG-ä wepalylygy üçin hoşallyk bildirdi.

Beýanata görä, Li Szýunhua bu wezipede köptaraplaýyn ykdysady we jemgyýetçilik hyzmatdaşlygyny ösdürmek baradaky pikirlerini we garaýyşlaryny beýan eder. Şeýle hem 2030-njy ýyla çenli döwür üçin durnukly ösüş babatdaky gün tertibiniň durmuşa geçirilmegi we BMG-ä agza ýurtlara hyzmat etmek üçin ähli taraplar bilen işleşmegi söz berdi. Mundan öň ol BMG-niň Aziýa, Ýuwaş umman ykdysady we sosial komissiýasynyň, BMG-niň Baş Assambleýasynyň we Howpsuzlyk Geňeşiniň mejlislerine, şeýle hem APEK, ASEM we BRIKS ýaly beýleki köptaraplaýyn mehanizmlere goşant goşdy.



Li Szýunhua 1985-nji ýylda Hytaýyň Daşary işler ministrliginde işe başlady. Häzirki wagta çenli Hytaýyň Italiýadaky we San Marinodaky ilçisi, ozal Daşary işler ministrliginiň Halkara guramalar we konferensiýalar bölüminiň başlygy, Hytaýyň Mýanmadaky ilçisi we Hytaýyň BMG-niň ýanyndaky hemişelik wekilhanasynda syýasy meseleler boýunça ýörite wekili bolup işledi.

# BRIKS-e goşulmaga isleg artýar

Hytaýyň Daşary işler ministrliginiň Halkara ykdysady gatnaşyklar bölüminiň başlygy Li Kesin, BRIKS-e täze agzalaryň kabul edilmeginiň zerurdygyny aýtdy. Onuň sözlerine görä, guramanyň ýolbaşçylary bu işe girişmek we ýakyn wagtda ýörelgeleri aýdyňlaşdyrmak üçin möhüm ylalaşyga gelmegiň zerurdygyny belleýärler.

Li Kesiniň pikiriçe, bileleşigi giňeltmek üçin anyk meýilnamanyň ýokdugyna garamazdan, Hytaý BRIKS-iň giňeldilmeginiň tarapdary. Bilermenler BRIKS-iň giňelmeginiň ýakyn ýyllarda Latyn Amerikasynyň, Ýakyn Gündogaryň, Günorta-Gündogar Aziýanyň we GDA ýurtlarynyň ykdysady ösüşiniň hasabyna bolup biljekdigini belleýärler.




**ALŽIR BRIKS-E GOŞULMAGA TAÝYN**

◆ Alžir Respublikasynyň Prezidenti Abdelmajid Tebbun BRIKS-e goşulmaga taýýardygyny aýtdy. Prezident öz ýurdunyň bu döwletara ykdysady bileleşige girmek üçin ähli şertleriň, goşulmaga çynlakaý gyzyklanmanyň bardygyny aýtdy.

Häzirki wagtda BRIKS Russiýany, Hytaýy, Braziliýany, Hindistany we Günorta Afrika Respublikasyny birleşdirýär. Geçen aý Nigeriýanyň Russiýadaky ilçisi Abdullahi Şehu bu ykdysady foruma agza bolmak üçin ýüz tutmak isleýändigini aýdypdy. Häzirki wagtda Indoneziýa, Türkiýe, Saud Arabystany, Müsür we Argentina ýaly ýurtlar bileleşige goşulmagy maksat edinýärler.

Bilermenleriň çaklamagyna görä, 2023-nji ýyla çenli BRIKS ýurtlarynyň jemi içerki önüminiň dünýä ykdysadyýetindäki umumy paýy G7 ýurtlarynyň jemi içerki önüminiň paýyndan ýokary bolar.

# ENERGIÝA ÜPJÜNÇILIGINI DIWERSIFIKASIÝA ETMEKÇI

Fransiýanyň Prezidenti Emmanuel Makron Parižde Saud Arabystanynyň mirasdüşer şazadasy Muhammet bin Salman Al Saud bilen bolan duşuşygynda energiýa üpjünçiligini we azyk howpsuzlygyny diwersifikasiýa etmek üçin Er-Riýad bilen tagallalary birikdirmegiň möhümdigini belledi. Bu barada iki ýurduň arasynda geçirilen gepleşikleriň netijelerinden soň Ýeliseý köşgüniň beýanatynda bellenilýär.

«Iki ýurduň ýolbaşçylary dünýäde emele gelen çylşyrymly ýagdaýlardan baş alyp çykmagyň we hyzmatdaşlygy güýçlendirmegiň möhümdigini bellediler. Emmanuel Makron Ýewropa döwletleriniň energiýa üpjünçiligini diwersifikasiýa etmek üçin Saud Arabystany bilen utgaşykly işlemegi dowam etdirmegiň zerurdygyny aýtdy. Şeýle hem azyk howpsuzlygy üçin esaslandyrylan Azyk we oba hojalygy durnuklylygy missiýasy (FARM) boýunça başlangyja ünsi çekdi» diýlip, beýanatda aýdylýar.

Ýeliseý köşgünde bellenilip geçilişi ýaly, «Fransiýanyň Prezidenti we Saud Arabystanynyň mirasdüşer şazadasy Ýakyn Gündogarda howpsuzlygy we durnuklylygy üpjün etmäge ygrarlydyklaryny, şeýle hem bilelikdäki tagallalary dowam etdirmegi isleýändiklerini tassykladylar». Fransiýanyň gepleşiklere we sebitleýin hyzmatdaşlyga täzeden başlamaga gönükdirilen tagallalara ygrarlydygy barada fransuz tarapy belledi.



# ABŞ-da üçünji partiýa dörediler

Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda «Forward» atly üçünji milli partiýa peýda bolar. Onuň esaslandyrylmagy ugrunda ýurduň Respublikaçylar we Demokratlar partiýalarynyň öňki agzalary çykyş etdiler.

Maglumatlara görä, täze partiýa ABŞ-nyň demokratlardan bolan Prezidentlige öňki dalaşgär Endrýu Ýang we Nýu-Jersiniň öňki gubernatory, respublikaçy Todd Uitman baştutanlyk ederler. Täze gurama üç syýasy güýjüň – «Renew America Movement» hereketiniň, «Forward Party» partiýasynyň hem-de «Serve America Movement» guramasynyň birleşmegi netijesinde düzüler. Öňümizdäki güýzde partiýanyň ýolbaşçylary ABŞ-nyň birnäçe şäherinde çäreler toplumyny geçirmegi maksat edinýärler.

Häzirki zaman iki partiýaly ulgam, 1852-nji ýyldan bäri prezident saýlawlarynda yzygiderli ýeňiş gazanan we 1856-njy ýyldan bäri Kongrese gözegçilik edýän



Demokratik we Respublikan partiýalardan ybaratdyr. Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň iki öňdebaryjy partiýasyndan başga-da sebitdäki partiýalary hasaba almazdan, ýene 38 federal partiýa hereket edip, olaryň syýasata täsiri juda az hasaplanýar.

# Umumyafrika maliýe biržasyny döreder

Afrika Bileleşigi yklymyň maliýe zerurlyklaryny kanagatlandyrmak maksady bilen Umumyafrika biržasyny döretmegi meýilleşdirýär. Bu barada Afrika Bileleşiginiň ykdysady ösüş, söwda, syýahatçylyk, senagat we mineral serişdeler boýunça komissary Albert Muçanga habar berdi.

– Afrika Bileleşigi Umumyafrika biržasyny döretmegi maksat edinýär, ol yklymyň maliýe isleglerini kanagatlandyrmaga mümkinçilik berer. Şunuň bilen baglylykda, Afrika Bileleşigi komissiýasy bilen Birža howpsuzlyk işleri boýunça Afrika komissiýasynyň arasynda özara düşünişmek baradaky teswirnama gol çekiler.




Muçanga bu barada Zambiýanyň paýtagty Lusakada bolup geçen Afrika Bileleşiginiň ýerine ýetiriji geňeşiniň nobatdaky 41-nji mejlisinden soň geçirilen metbugat ýygnagynda aýtdy. Şeýle hem ol 13 milliard dollarlyk maliýe gorlary bolan birnäçe afrikaly maýadarlaryň yklymyň garaşsyz maýa goýujylar forumyny döretmek baradaky karara gelendigini belledi.

– Forumyň esasy maksady Afrika boýunça transmilli infrastruktura taslamalaryna maýa goýmak üçin maliýe serişdelerini toplamakdan ybarat bolup durýar. Afrika diasporasynyň yklymyň ösüşine goşant goşmak üçin bu tagallalara goşulmagy zerurdyr – diýip, Albert Muçanga belledi.

# GDA-nyň başlyklygy Gyrgyzystana geçer

2023-nji ýylda GDA-nyň başlyklygy Gyrgyz Respublikasyna geçer. Bu barada GDA-nyň Ýerine ýetiriji komitetiniň başlygy – Ýerine ýetiriji sekretary Sergeý Lebedew habar berdi.

– Döwlet Baştutanlary geňeşiniň ýakyn wagtda geçiriljek mejlisinde garaljak meseleleriň biri geljek ýyl GDA-da başlyklyk meselesi bolar. Gyrgyz Respublikasynyň başlyklygy kabul etmegi üçin eýýäm razylyk aldyk. Gyrgyzystan häzirki wagtda egindeş başlyk bolup durýar. 2023-nji ýylda Gyrgyzystanyň başlyk bolmagyna garaşylýar – diýip, Sergeý Lebedew aýtdy.

– Gyrgyzystan geljekki başlyklyga taýyn. Meniň bilşime görä, beýleki döwletler Gyrgyzystanyň bu islegini goldaýar. Şeýle hem 14-nji oktýabrda Gyrgyzystanyň geljek ýyl GDA-nyň başlygy boljakdygy barada kararyň kabul ediljekdigine ynanýaryn – diýip, Ýerine ýetiriji komitetiň başlygy aýtdy.

Golaýda döwletleriň hemişelik ygtyýarly wekilleriniň geňeşiniň yzygiderli ýygnagy – GDA-nyň gatnaşyjylarynyň we Arkalaşygyň beýleki guramalarynyň maslahaty GDA-nyň Minskdäki Ýerine ýetiriji komitetinde geçirildi. Duşuşykda hemişelik wekiller 13-14-nji oktýabrda Nur-Sultanda geçiriljek daşary işler ministrleriniň geňeşiniň we GDA-nyň döwlet Baştutanlarynyň geňeşiniň yzygiderli mejlisleriniň gün tertibini düzüp, tekliplere garadylar. Şeýle-de GDA-nyň hökümet Baştutanlarynyň geňeşiniň mejlisini 28-nji oktýabrda Gazagystanyň paýtagtynda geçirmek meýilleşdirildi.



# OPEK-iň Baş sekretary wezipesine girişdi

1-nji awgustda Kuweýtiň wekili Haýsam al-Gaýs Nebit eksport edýän ýurtlar guramasynyň (OPEK) Baş sekretary wezipesine girişdi. Ol iýul aýynyň başynda aradan çykan Muhammed Barkindonyň ýerine geçdi.

Şu ýylyň ýanwar aýynda OPEK-iň täze Baş sekretary wezipesine bellenen Haýsam al-Gaýs OPEK-iň agzasy bolan ähli ýurtlar, şeýle-de guramanyň dünýädäki köp sanly hyzmatdaşlary bilen işleşmäge sabyrsyzlyk bilen garaşýandygyny aýtdy.

Mundan öň Haýsam al-Gaýs Kuweýtiň «Kuwait Petroleum Corporation» döwlet nebit-gaz korporasiýasynda Halkara marketing boýunça dolandyryjynyň orunbasary bolup işleýärdi. Şeýle-de ol 2017-nji ýyldan 2021-nji ýyla çenli OPEK-de Kuweýt wekiliýetine ýolbaşçylyk etdi. Guramanyň düzgünnamasyna laýyklykda, Baş sekretar üç ýyllyk möhlete saýlanyp, diňe bir gezek gaýtadan saýlanyp bilner. Haýsam al-Gaýs OPEK-iň 24-nji Baş sekretary boldy.



OPEK 13 ýurdy öz içine alýar: Alžir, Angola, Wenesuela, Gabon, Yrak, Eýran, Kongo, Kuweýt, Liwiýa, Birleşen Arap Emirlikleri, Nigeriýa, Saud Arabystany, Ekwatorial Gwineýa. Guramanyň ştab-kwartirasy Wenada ýerleşýär.



# Horwatiýany birleşdiren köpri

Horwatiýanyň günortasynda, Bosniýa we Gersegowinanyň daşyndan aýlanyp, Peleşas ýarym adasyny ýurduň esasy bölegi bilen birleşdirýän köpri açyldy. Şeýlelikde, Pelehaskiý köprüsi Horwatiýany birleşdirdi. Köpden bäri açylmagyna garaşylýan bu köpri Adriatik deňziniň günorta kenarlaryny, şol sanda Dubrownikiň meşhur syýahatçylyk mekanyny ýurduň beýleki ýerleri bilen baglanyşdyrdy.

Uzynlygy 2,4 kilometr bolan bu köpri Horwatiýanyň esasy böleginden tä Peleşas ýarym adasyna çenli uzap gidýär. Köpriniň açylmagy Horwatiýanyň şu ýyl syýahatçylygy gaýtadan dikeltmäge taýýarlyk görýän wagtyna gabat gelip, pandemiýadan öňki derejedäki ýaly myhmanlary özüne çekmegine umyt edilýär.

– Köpriniň ähmiýeti uludyr we diňe bir Horwatiýanyň öz çäkleri bilen baglanyşýanlygy üçin däl, eýsem, syýahatçylyk we umuman ykdysadyýet üçinem bähbitlidir – diýip, ulag ministri Oleg Butkowiç aýtdy.

Taslamanyň bahasy 400 million ýewrodan geçdi, maliýeleşdirmegiň 85 göterimi Ýewropa Bileleşigi tarapyndan üpjün edildi. Köpriniň gurluşygy üçin 2018-nji ýylda yglan edilen bäsleşikde hytaýly kompaniýa öňe saýlandy. Bu Hytaýyň Horwatiýadaky infrastruktura taslamasyna ilkinji ähmiýetli gatnaşygy hasaplanýar. Mundan ozal Horwatiýanyň günortasyndaky sebitlerinden ýurduň beýleki ýerlerine gury ýer arkaly barmak üçin Bosniýa we Gersegowinanyň üstünden geçmeli bolýardy. Täze köpri bolsa ýolagçylaryň, söwdagärleriň we syýahatçylaryň deňze çykýan serhedinde garaşyp geçirýän wagtyny tygşytlamaga ýardam eder. Bu köpri Horwatiýa 1991-nji ýylda garaşsyzlygyna eýe bolanyndan soň, ýurduň iň uly infrastruktura taslamalarynyň biridir.

# Çehiýa plastikany çäklendirer

Dünýäde her ýylda 300 million tonnadan gowrak plastik önümler öndürilýär. Daşky gurşaw üçin zyýanly galyndylar bilen göreş, adatça, plastmassanyň ulanylyşyny çäklendirmek bilen başlaýar. Dünýäniň köp ýurtlary, sebitleri we şäherleri öz öňlerinde şeýle maksatnamany goýdular.

Golaýda Çehiýanyň parlamentiniň agzalary bir gezek ulanylýan plastmassa önümlerini öndürmegi we satmagy çäklendirmegi makulladylar. Bu barada kanun çykaryjy edaranyň metbugat gullugynyň hasabatynda bellenilýär. Hasabatda «Respublikanyň parlamentiniň wekiller palatasy Ýewropa Bileleşiginiň tekliplerine laýyklykda, ýurtda bir gezek ulanylýan plastmassa enjamlarynyň öndürilmegini we satylmagyny gadagan etmek kararyna geldi» diýilýär.

Parlamentiň wekilleri kabul edilen bu kanunyň Çehiýanyň daşky gurşaw ýagdaýyny gowulandyrmaga kömek etmelidigini öňe sürdüler. Şeýlelik bilen, Tebigy baýlyklar we ekologiýa ministrliginiň maglumatlaryna görä, bu çäklendirme plastmassa önümleriniň ulanylyşynyň ýylda 1,77 million bölek azalmagyna getirer.

Deputatlar tarapyndan kabul edilen kanun taslamasyna parlamentiň ýokarky palatasynyň agzalary – Senat sereder. Şondan soň resminama Prezident Miloş Zeman gol çeker.



Mundan öň Ýewropa Bileleşigine agza ýurtlaryň 2025-nji ýyla çenli plastik gaplaryň 90 göterimini gaýtadan işlemäge, şeýle hem dürli içgileri öndürijileriň bu işe maliýe ýardamyny bermäge borçly edilendigi habar berlipdi. Şeýle-de, Ýewropa Komissiýasy iýmit üçin niýetlenen plastik gaplaryň we bulgurlaryň ulanylyşyny azaltmagy teklip edipdi.

# DÜNÝÄ HABARLARY

## gysga setirlerde



► **Gaýtadan saýlanmakçy.** Ak Tamyň metbugat sekretary Karine Žan-Pýer brifingde eden çykyşynda ABŞ-nyň Prezidenti Jozef Baýdeniň 2024-nji ýylda gaýtadan saýlanmak meýilnamalary barada habar berdi. Baýden 2020-nji ýylyň ahyrynda geçirilen saýlawlarda ýeňiş gazanypdy.



► **Dünýäniň iň gözel zenany.** Günorta koreýaly aýdymçy Kim Jisu dünýäniň iň gözel zenany diýlip yglan edildi. «Nubia» žurnalynyň dünýäniň 116 ýurdunyň gatnaşmagynda geçiren onlaýn ses berişliginde 27 ýaşly Kim Jisu ýeňiji boldy. Ikinji orna taýwanly Çžou Szyýuý, üçünji orna taýlandly Lalisa Manoban mynasyp boldy.



► **Gallanyň importyny artdyrar.** Eýran Russiýadan import edýän bugdaýynyň möçberini ýylda 10 million tonna çenli artdyrmakçy. Bu barada Eýranyň DIM-niň ykdysady diplomatiýanyň meseleleri boýunça başlygynyň orunbasary Mehdi Safari mälim etdi.



► **Rim şaýylygy tapyldy.** Ortaýer deňziniň kenarýakasyndan ysraýylly arheologlar gadymy Rim şaýylygyny tapdylar, onda Aý hudaý zenanyň keşbi şekillendirilipdir. Şaýy pul miladydan öň 138-161-nji ýyllar aralygynda Aleksandriýada, imperator Antonin Piýiniň döwründe zikgelenipdir diýip, Ysraýylyň arheologlary habar berdiler.



► **Älem giňişligine iberiler.** Argentinanyň meşhur futbolçysy Diego Maradonanyň aýakgaby dünýäniň çar künjündäki muşdaklarynyň ses we wideo ýazgylary bilen älem giňişligine iberiler. Türgeniň aýakgaby Maradonanyň adyny göterýän «Älem ýylany» atly hemra bilen orbita çykarylar.



► **Näbelli Rim şäheri tapyldy.** Ispaniýanyň Saragosa uniwersitetiniň arheologlary gazuw-agtaryş işlerinde gadymy näbelli oturymly ýeriň üstüni açdylar. Arheologlar ol ýerde ilatyň Rim döwründe (miladydan öň I-V asyrlar) we irki hristian eýýamynda (IX-XIII) oturymlaşandygyny anykladylar diýip, «El Pais» neşiri habar berýär.



► **Arap astronawty HKS-e gider.** Birleşen Arap Emirliklerinden bolan astronawt Sultan Al-Neýadi 2023-nji ýylda «SpaceX» kompaniýasynyň «Crew Dragon-6» kosmos gämisiniň düzüminde Halkara kosmos stansiýasyna uçurylar. Bu barada BAE-niň Muhammet bin Raşid adyndaky Kosmos merkeziniň baş direktory Salem Al-Marri habar berdi.



► **10 millionynjy raýat.** Duşanbe şäherinde dünýä inen Firdaws atly körpe dessine bütin Täjigistana meşhur boldy. Munuň sebäbi ol ýurduň 10 millionynjy raýatydyr. Çaganyň agramy 3,250 kilogram, boýy 50 santimetr. Prezident Emomali Rahmon ýaş ene-atalary gutlap, maşgalany ýaşaýyş jaýy bilen üpjün etmek barada tabşyryk berdi.

► **Sewan kölüniň reňki üýtgedi.** Ermenistandaky dagyň üstünde ýerleşýän Sewan köli açyk ýaşyl reňke boýaldy. Bilermenler muny yssy howa we suwuň azalmagy zerarly suwotularyň gülläp başlamagy bilen düşündirýärler.



# TARYHDA ŞU GÜN

■ 1914-nji ýylyň 5-nji awgustynda ABŞ-nyň Ogaýo ştatynyň Kliwlend şäherinde «Traffic Signal» amerikan kompaniýasy tarapyndan 105-nji köçäniň we Ewklid şaýolunyň kesişýän ýerinde dört sany elektrik ýolyşygy oturdyldy. Bu dünýä taryhynda ilkinji tejribe boldy.





Sahypany taýýarlan Ýegenmämmet TAÝLYÝEW.



# 79-njy Wenesiýa film festiwalynda GÖRKEZILJEK KINOLAR

**Dünýäniň iň gadymy kinofestiwaly bolan Wenesiýa film şüweleňinde baş baýragyň – «Altyn ýolbars» heýkeljiginiň dalaşgärleri mälim edildi. 79-njy gezek geçiriljek festiwalda 24 ekran eseri «Altyn ýolbars» baýragyna dalaşgär görkezildil. Olaryň arasynda belli režissýorlaryň soňky kinolary bolup, festiwal Noý Baumbakyň «Ak güwwüldi» filminiň ilkinji görkezilişi bilen açylar. Şeýle-de, Darren Aranofskiniň «Kit», 14 ýyldan soň ilkinji filmini ekranlaşdyran Todd Fildiň «Tar», eýranly tanymal režissýor Jafar Panahiniň «Aýylar ýok», Andrýuw Dominikiň Merlin Monro baradaky «Saryýagyz», oskarly režissýor Alehandro Gonzales Inýarritunyň «Bardo» filmleri «Altyn ýolbarsa» dalaşgär görkezilen ekran eserleriň käbirleridir. Ozal habar berlişi ýaly, 31-nji awgust – 10-njy sentýabr aralygynda geçiriljek festiwalda eminler toparyna oskarly aktrisa Julianna Mur ýolbaşçylyk eder.**

### 79-njy film festiwalynda «Altyn ýolbars» baýragyna DALAŞGÄR GÖRKEZILEN KINOLAR:

| |
|---|
| «Ähli gözellikler we gyrgynçylyklar» (All the Beauty and Bloodshed) – Laura Poýtras (ABŞ) |
| «Argentina, 1985» (Argentina, 1985) – Santiago Mitre (Argentina) |
| «Afina» (Athena) – Roman Gawras (Fransiýa) |
| «Inişiriň perisi» (The Banshees of Inisherin) – Martin MakDonah (Irlandiýa) |
| «Bardo» (Bardo, Falsa Crónica De Unas Cuantas Verdades) – Alehandro Gonzales Inýarritu (Meksika) |
| «Diwaryň aňyrsynda» (Şab, Dakheli, Divar) – Wahid Jalilwand (Eýran) |
| «Saryýagyz» (Blonde) – Andrýuw Dominik (ABŞ) |
| «Süňkler we hemmesi» (Bones and All) – Luka Guadanino (Italiýa) |
| «Kiara» (Chiara) – Susanna Nikkiarelli (Italiýa) |
| «Jübüt» (Un Couple) – Frederik Waýzman (ABŞ) |
| «Ölümsiz gyz» (The Eternal Daughter) – Joanna Hogg (Birleşen Korollyk) |
| «Garynjalaryň hökümdary» (Il signore delle formiche) – Janni Amelio (Italiýa) |
| «Ymgyrlyk» (L'immensita) – Emanuel Krialeze (Italiýa) |
| «Söýgi durmuşy» (Rabu Raifu) – Koži Fukada (Ýaponiýa) |
| «Monika» (Monica) – Andrea Pallaoro (Italiýa) |
| «Aýylar ýok» (Khers Nist) – Jafar Panahi (Eýran) |
| «Başgalarynyň çagalary» (Les Enfants des Autres) – Rebekka Zlotowski (Fransiýa) |
| «Öýdeçiler» (Les Miens) – Roşdi Zen (Fransiýa) |
| «Sent-Omer» (Saint Omer) – Alis Diop (Fransiýa) |
| «Ogul» (The Son) – Florian Zelle (Fransiýa) |
| «Tar» (Tar) – Todd Fild (ABŞ) |
| «Ak güwwüldi» (White Noise) – Noý Baumbak (ABŞ) |
| «Kit» (The Whale) – Darren Aranofski (ABŞ) |

# «MARVEL»-iň täze önümleri

ABŞ-nyň San Diego şäherinde geçirilen «Comic-Con» şüweleňinde «Marvel» studiýasynyň täze ekran eserleri mälim edildi. Kino muşdaklary studiýanyň täze önümlerinde




ozaldan tanalýan super gahrymanlardan daşary täze keşpler bilen hem tanşarlar. Studiýanyň prezidenti Kewin Faýgi 4-nji tapgyryň «Gara Pantera: Wakanda hemişe» (Black Panther: Wakanda Forever) filmi bilen şu ýyl tamamlanjakdygyny hem mälim etdi. 4-nji tapgyrdan başlap, «The Multiverse Saga» adyny alan «Marvel»-iň täze ekran eserlerine kino muşdaklary sabyrsyzlyk bilen garaşýar.



► **«Garynja adam we ary: Kuantumania» (Ant-Man and the Wasp: Quantumania)** – Bu film «Marvel»-iň kinematografik dünýäsiniň 5-nji tapgyryndaky ilkinji ekran eseri bolup, ol geljek ýylyň 17-nji fewralynda ekranlara çykar. Peýton Ridiň režissýorlygyndaky filmde ýene-de Pol Rudd, Ewanjelini Lili, Maýkl Duglas, Mişell Pfaýffer dagy surata düşer.

► **«Galaktikanyň goraýjylary: 3-nji film» (Guardians of the Galaxy Vol. 3)** — Jeýms Gannyň režissýorlyk edýän bu kinosynda wakalar «Tor: söýgi we ýyldyrym» (Thor: Love and Thunder) filmindäki hadysalaryň dowamy barada bolar. Täze filmde Raketanyň başdangeçirmeleri öňe sürülýär. Film 2023-nji ýylyň 5-nji maýynda ekranlara çykar.

► **«Marweller» (The Marvels)** — «Kapitan Marwel» filminiň dowamy bolan bu kinonyň režissýorlyk oturgyjynda Nia DaKosta bolup, ekran eseri 2023-nji ýylyň 28-nji iýulynda prokata çykarylar. Filmde Kapitan Marwel (Bri Larson) bilen bilelikde Miss Marwel ýa-da Kamala Han (Iman Wellani) täze başdan geçirmelere gadam basýar.

► **«Bleýd» (Blade)** – Meşhur wampir awçysy Bleýd özüniň täze keşbi, täze başdangeçirmeleri bilen «Marvel» dünýäsine dolanýar. Iki oskarly aktýor Maherşala Aliniň baş keşpde surata düşjek kinosyna Bassam Tarik režissýorlyk edip, ol 2023-nji ýylyň 3-nji noýabrynda kinoteatrlara goýberiler.

► **«Kapitan Amerika: täze Dünýäniň düzgünleri» (Captain America: New World Order)** —2024-nji ýylyň 3-nji maýynda ekranlara çykjak filmde galkanyň täze eýesi Sem Wilsonyň, ýagny täze Kapitan Amerikanyň (Entoni Meki) başdangeçirmeleri barada söhbet açylýar.

► **«Gök gürrüldedijiler» (Thunderbolts)** – Täze tapgyryň iň soňky filmi «Gök gürrüldedijiler» diýlip atlandyrylýar. 2024-nji ýylyň 26-njy iýulynda kinoteatrlara ýaýradyljak filmi Jeýk Şreier surata düşürer. Film barada häzirlikçe resmi maglumat ýok.

«Marvel»-iň kinematografik dünýäsiniň 5-nji tapgyrynyň çäginde 7 serial hem muşdaklaryň dykgatyna ýetiriler. «Disney Plus»-da görkeziljek seriallaryň 2-si ozaldan bar bolup, galan 5-si täze ekran eseridir. Olar şulardyr: «Näme eger-de...?» (What If...?), «Syrly basyp alyş» (Secret Invasion), «Ýaň» (Echo), «Demir ýürek» (Ironheart), «Agata: Koweniň Haosy» (Agatha: Coven of Chaos), «Garadangaýtmaz: täzeden dogluş» (Daredevil: Born Again).

**«AR ALYJYLAR» DOLANÝAR**

● Şol bir wagtyň özünde kino muşdaklarynyň uly söýgüsini gazanan «Ar alyjylar» (Avengers) filmler toplumynyň 5-nji we 6-njy kinolarynyň ekranlara çykaryljakdygy hem mälim edildi. «Marvel» kinematografik dünýäsiniň 6-njy tapgyrynyň çäklerinde görkeziljek bu iki iri taslama «Ar alyjylar: Kang dinastiýasy» (Avengers: The Kang Dynasty) hem-de «Ar alyjylar: syrly söweşler (Avengers: Secret Wars) diýlip atlandyrylýar. Iki film hem 4-nji kino bolan «Ar alyjylar: oýnuň soňy» filminden 6 ýyl soň, ýagny 2025-nji ýylda ekranlara çykarylar. «Ar alyjylar: Kang dinastiýasy» filmini Destin Daniel Krettonyň surata düşürjekdigi habar




berildi. Ol «Şan-Çi we 10 ýüzügiň rowaýaty» filmini ekranlaşdyrypdy. Filmde haýsy gahrymanlaryň surata düşjekdigi kino muşdaklaryny içgin gyzyklandyryp, Kapitan Marwel (Bri Larson), Doktor Streýnj (Benedikt Kumberbetç), täze Kapitan Amerika Sem Wilson (Entoni Meki), Wong (Benedikt Wong), Şan-Çi (Simu Lui) dagynyň «Ar alyjylar» 5-nji we 6-njy filme dolanjakdygy belli.

Ýeri gelende bellesek, 6-njy tapgyryň «Fantastiki dörtlük» (Fantastic Four) filminiň hem 2024-nji ýylyň 8-nji noýabrynda ekranlara çykaryljakdygy habar berildi.

# «Booker»-iň uzyn sanawy

Pulitser baýragynyň eýesi amerikaly ýazyjy zenan Elizabet Straut we ýene-de 12 ýazyjy, «Booker» baýragyna dalaş edýänleriň uzyn sanawyna girizildi. Bu barada baýrak gaznasy tarapyndan ýaýradylan beýanatda mälim edilýär.

66 ýaşly Elizabet Strautyň «Oh William!» atly romany iňlis dilinde ýazylan eserlere berilýän iň abraýly baýraklaryň biri üçin bäsleşýär. Ýazyjy zenanyň «Oliwiýa Kitterij» atly eseri 2009-njy ýylda Pulitser baýragyna mynasyp bolup, 2014-nji ýylda bu eseriň esasynda film surata düşürildi. Amerikaly ýazyjy zenan ikinji gezek «Booker» baýragynyň uzyn sanawyna girizildi.

Bu ýylky sanawda amerikaly alty ýazyjy bar. Strautdan başga Ernan Dias (2017-nji ýylda Pulitser baýragynyň eýesi), Persiwal Eweret, Karen Joý Fauler, Leýla Mottli we Selbi Winn Şwars bar. Beýik Britaniýadan üç ýazyjy: Alan Garner, Grem Makreý Barnet we Meddi Mortimer sanawa girizildi. Kler Kigan we Odri Magi – Irlandiýa, Nowaýolet Bulawaýo – Zimbabwe we Şehan Karunatilaka – Şri-Lanka wekilçilik edýär.

Bäsleşige gatnaşýanlaryň arasynda üç ýazyjy ilkinji gezek çykyş edýär. Olar Mottli, Mortimer we Şwars. Ýene üçüsi – Bulawaýo, Fauler we Barnet – mundan öň «Booker»-iň gysga sanawyna giripdi.

**EMIN AGZALARYNYŇ PIKIRI**

– 13 kitabyň hemmesinde, planetamyz barada soňky birnäçe ýylyň dowamynda edilýän aladalar beýan edilýär – diýip, emin agzalarynyň başlygy, britaniýaly sungaty öwreniji we ýazyjy Neil Makgregor belledi. Makgregoryň pikiriçe, sanawdaky ähli eserler biri-biri bilen baglanyşykly bolup, hakykatyň düýp manysy, şeýle-de, şahsyýetleriň durmuşynyň nähili emele gelýändigi we uzak taryhy prosesler bilen kesgitlenýändigi seljerilýär.

**BAÝRAK BARADA**

Uzyn sanawa giren kitaplar 2021-nji ýylyň 1-nji oktýabryndan bäri Beýik Britaniýada we Irlandiýada neşir edilen 169 eseriň arasyndan saýlandy. Alty eseri öz içine alýan gysga sanaw 6-njy sentýabrda köpçülige aýan ediler. Baýragyň ýeňijisiniň ady 50 müň funt sterlingden (60 müň dollar) ybarat baýrak bilen 17-nji oktýabrda yglan ediler.

Dünýäniň iň abraýly edebi baýraklarynyň biri bolan «Booker» baýragy 1968-nji ýylda esaslandyryldy. Ilkinji baýrak gowşurylyş dabarasy 1969-njy ýylda geçirildi. Bu baýrak 2013-nji ýyla çenli Milletler Arkalaşygy ýurtlarynyň birinde, Irlandiýada ýa-da Zimbabwede ýaşaýan ýazyja berildi. Soňra emin agzalary eserleri iňlis dilinde ýazylyp, Beýik Britaniýada neşir edilen beýleki ýurtlaryň ýazyjylaryna hem bäsleşige gatnaşmaga rugsat berdi.

Geçen ýylyň noýabr aýynda Günorta afrikaly ýazyjy Deýmon Gelgut üçünji synanyşygynda bu baýraga eýe boldy. Ol Günorta Afrikadaky aparteid hakda gürrüň berýän «Wada» romany bilen tanalýar.




# ÇAGALAR

**Dürli görnüşi bolan plastik gaplary birnäçe gezek gaýtadan işläp bolýar.**

# NÝUTONYŇ «SALLANÇAGY»

Oýunjaklaryň taryhy örän gadymy bolup, arheologik gazuw-agtaryş işleriniň netijesinde, ilkinji oýunjaklaryň miladydan ozal V asyra degişlidigi anyklandy. Belki has irki döwürlerde hem oýunjaklar ýasalandyr. Toýundan ýa-da agaçdan ýasalan topjagazlar we arabalar oýunjaklaryň ilkinji nusgalary hasaplanýar. Şondan bäri çagalaryň wagtyny gyzykly geçirmekleri, ukyplaryny kämilleşdirmekleri, ugurtapyjylygyny artdyrmaklary üçin oýunjaklaryň ýüzlerçe görnüşi oýlanyp tapyldy. Geçirilen barlaglar her çaganyň öz ýaşyna görä, oýun we oýunjak oýnamagynyň fiziki hem-de ruhy taýdan kämilleşmegine ýardam edýändigini ýüze çykardy. Käbir oýnawaçlar diňe çagalara däl, eýsem, uly adamlara hem niýetlenen bolup, uzak ýyllaryň geçendigine garamazdan şeýle oýnawaçlara isleg artýar. Mysal üçin, Rubigiň kubjagazy şeýle oýnawaçlaryň biri hasaplanýar. Rubigiň kubjagazy ýaly meşhur bolmasa-da, köp ýyldan bäri ähmiýetini ýitirmän gelýän oýnawaç bar. Ol Nýutonyň «sallançagy» diýlip atlandyrylýar. Bu oýnawaç iş otaglarynda stoluň üstünde bezeg maksady bilen goýulýandygyna garamazdan, fizikanyň kanunlaryna has aýdyň düşünmäge ýardam edýär. Bu oýnawaja Nýutonyň «sallançagy» diýilýän hem bolsa, ony belli fizik Isaak Nýuton oýlap tapmaýar. Hatda, bu enjam Nýutonyň ýaşap geçen wagtyndan has giç peýda bolýar. Kimiň oýlap tapandygy nämälim bolan bu oýnawaja 1967-nji ýylda iňlis teleýaýlym wäşisi Saýmon Prebbl şeýle ady berýär. Bu ady köpçülik kabul edensoň, bütin dünýäde şeýle at bilen meşhurlyk gazanýar.




Oýunjak biri-birine degip duran 5 sany metal topjagazyň iki tarapyndan ýüpden asylyp goýulmagyndan ybarat. Birinji topjagaz ýokary galdyrylyp, öz agramyna aşak goýberilende, hataryň beýleki gyrasyndaky top ýokary galýar. Aralykdaky 3 top hereketsiz durýar. Iki gapdaldaky toplar bolsa, azalýan tizlikde gezekli-gezegine galypdüşýär we birnäçe wagtdan soň durýar.

**NÄDIP HEREKET EDÝÄR?**

● Bu hereketiň fizikanyň kanunlaryna görä düşündirilişi şeýleräk: birinji top ýokary galdyrylanda, onda potensial energiýa emele gelýär. Top goýberilen wagty topdaky potensial energiýa kinetik energiýa öwrülip başlaýar. Top aşaklap, gapdalyndaky topa degeninde bolsa, potensial energiýa nol derejä ýetýär, kinetik energiýa iň ýokary derejä çykýar. Goýberilen top ýanyndaky topa degmezden ozal fizikada «P» nyşany bilen görkezilýän impulsa eýe bolýar. Impuls jisimiň massasynyň we tizliginiň köpeldilmegi bilen alynýan we wektory bolan bahadyr. Çakyşýan iki jisimiň arasynda impulsyň geçirilişi bolýar. Eger çaknyşma bu oýnawajyň topjagazlary ýaly, ýagny hereket edýän bir jisim hereketsiz duran jisimiň merkezine baryp ursa, impuls tutuşlygyna beýleki jisime geçýär. Şeýlelikde, impulsyny ýitiren jisim durýar. Bu oýnawaçda gapdaldaky top her gezek gapdalyndaky topa degeninde onuň impulsy hereketsiz duran toplaryň ählisiniň içinden gapdalyndaky topa geçýär. Beýleki gapdaldaky topa ýetende bolsa, ol topda ýokary göterilip, gaýtadan potensial energiýa gazanýar. Soňra bolsa, Ýeriň dartyş güýjüniň täsiri bilen aşaklygyna gaýdýar. Bu hereket birnäçe sekunt dowam edýär.

**HAÇAN DURÝAR?**

● Ýokarda hereket üznüksiz dowam etmeýär. Olaryň durmagyna howadaky we biri-birlerine degenlerindäki sürtülme täsir edýär. Topjagazlar biri-birlerine degenlerinde sürtülmäniň netijesinde ýylylyk döreýär. Ýagny topjagazlaryň üstündäki energiýanyň bir bölegi ýylylyk sebäpli ýitýär. Netijede, olar hereketlerini haýalladyp, durmaly bolýar.

# KIM, HAÇAN OÝLAP TAPDY?

**PLASTMASSA.** Häzirki wagtda dürli suwuk harytlary – gazly içgileri, ösümlik ýagyny, azyk önümleriniň birnäçe görnüşini, arassaçylyk we tehniki serişdeleri gaplamak üçin adatça plastmassa gaplaryndan peýdalanylýar. Bu material ýeňil, berk we arzan bolmagy bilen tapawutlanýar. Berkdigine garamazdan, plastik gaplary aňsatlyk bilen kesip bolýar. Şeýle bolansoň, bu önümi ulanyşdan galandan soňrada dürli maksatlar üçin ulanyp bolýar.

Amerikan inženeri Nataniel Waýet (1911-1990ý.) plastmassa materialyny öndürmek üçin birnäçe ýyl zähmet çekýär. Ol bu materialy gazly içimlikleri gaplamak maksady bilen öndürmegiň aladasyny edýär. Waýet bu ugurda iş alyp barýan kärdeşinden plastmassadan öndürilen çüýşä gazly içgi guýup boljakdygyny ýa-da bolmajakdygyny soraýar. Kärdeşi oňa şeýle materialdan ýasalan çüýşä gazly suw guýlanda ýarylyp biljekdigini aýdýar. Waýetiň ilkinji geçiren synanyşyklarynda gazly içgiler guýlan çüýşeler süýnýär. Sebäbi, ilkibaşdaky plastmassalar ýeterlik derejede gaty bolmandyr. Geçirilen tejribeleriň netijesinde, Waýet plastmassany emele getirýän molekulalaryň bir-birine has ýakyn bolanda, onuň has berk boljakdygyny ýüze çykarýar. Inžener plastmassany neýlon bilen garyşdyryp, ozaldan ýasalan galyba guýýar. Ergin haldaky plastmassa çüýşe şekilli gaba guýlup, içine howa goýberilende, çüýşe şekilli bolýar. Şeýle-de bolsa, Waýetiň ilkinji synanyşyklary şowsuz tamamlanýar. Bu meseläni çözmek üçin inžener müňlerçe tejribe geçirmeli bolýar. Netijede, Waýet uzak ýyllaryň dowamynda geçiren tejribelerine garamazdan, neýlon bilen polipropileni garyşdyrmak pikirinden dänip, onuň ýerine polietilen-tereftalat (PET) garyndysyny ulanmak kararyna gelýär. Şeýlelikde, ol 1973-nji ýylda örän çeýe, emma şol derejede çydamly bolan materialy oýlap tapýar. Dolulygyna dury, ýagny aňyrsy aýdyňlygy bilen görünýän bu material içi görünýändigi sebäpli içimlik gaplamak üçin amatly hasaplanýar. Üstesine-de, ony birnäçe gezek gaýtadan hem ulanyp bolýar. Şol döwürler



gazly suwlaryň önümçiliginiň artmagy plastmassa gaplara bolan islegi görnetin ýokarlandyrýar. Häzirki wagtda bolsa, bütin dünýäde gazly içgileriň tas ählisi diýen ýaly plastik çüýşelere gaplanýar.

Dürli görnüşi bolan plastik materiallary birnäçe gezek gaýtadan işläp bolýar. Köp ýurtda bu materiallar ýol gurluşygynda asfalta goşulýan bolsa, köp ýerde süýüm alnyp, awtoulag senagatynda, haly önümçiliginde we beýleki ugurlarda peýdalanylýar. Plastik gaplar gaýtadan ulanylanda, ondan içi görünýän gap öndürip bolmaýar. Ikinji gezek çig mal hökmünde peýdalanylýan plastik çüýşelerden himiki we arassalaýyş serişdelerini gaplamak üçin reňkli gaplary öndürip bolýar. Plastmassa gaplardan alynýan süýüm, şeýle hem mata dürli önümleri taýýarlamakda ulanylýar. ABŞ-da poliester halylaryň ýarysynyň önümçiliginde ulanyşdan galan plastmassa gaplardan peýdalanylýar.







Labirint



Sudoku

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| | 4 | 2 | | 6 | 3 |
| | | | 5 | | |
| 2 | 1 | | | 3 | 6 |
| 4 | | 3 | | 1 | 5 |
| 1 | | | | 2 | |
| | 2 | | | | |



Sahypany taýýarlan Aýgül GURBANOWA.

# GÜÝMENJE

● **DIKLIGINE:** **2.** Bol önüm, köp hasyl. **3.** Meşhur fizik ... Eýnşteýn. **4.** Elektrik ölçeýji enjam. **5.** Gadymy türkmen şahyry Auhadeddin Aly .... **6.** Kapitalistik ýurtlarda karz beren kapitalyndan, gymmatbaha kagyzlaryndan gelýän girdejileriň hasabyna ýaşaýan adam. **7.** Obýektiň çäklendiriji çyzgysy ýa-da gurluşlaryň bölekleriniň arasyndaky boşluk. **9.** Közüň üstünde daglanyp bişirilýän et. **11.** Päkize, arassa, dury. **12.** Hatarda nyzam bilen ýöreýiş täri. **14.** Miwe. **18.** «Gezegeniň ... ýyrtylar, uruşganyň – ýakasyndan» (nakyl). **19.** «Örän, gaty, has» manysyndaky güýçlendiriji kömekçi söz. **20.** Meşhur film «Üç...». **22.** Dermanlyk ösümlik. **23.** Russiýanyň milli naharlarynyň biri. **24.** Aşgazan asty mäziniň öndürýän gormony. **25.** Nagyş. **32.** Fransuz taryhçysy ... Rene. **36.** «Yşk derýasy doldy, daşdy, gaýnady, täze ... eýläp, gyzmaly boldum» (Magtymguly). **37.** Duýdansyz, birdenkä, tötänden (köne söz). **39.** «Belki, ahmal» ýaly many aňladýan ugrukdyryjy söz. **40.** Bir zady ykrar etmän, ret etmek. **41.** Metal gurallary ýiteltmek, ýylmamak üçin ýüzi iri ýa-da ownuk dişli polat gural. **42.** Birinde algysy bar adam. **43.** Üwelen et bilen tüwi garylyp, kelem ýa-da üzüm ýapragyna dolanyp bişirilýän nahar. **44.** Belli bir mesele, iş, hereket boýunça pikirdeş. **45.** Meşhur Amerikan fantastiki film. **46.** Özüňden kiçi erkek dogan.



● **KESELIGINE:** **1.** Gadymy Siriýanyň çäginde miladydan öňki III müňýyllygyň ortalaryndan bäri bar bolan gadymy semit söwda şäheri. **6.** Latwiýanyň paýtagty. **8.** Armydyň bir görnüşi. **9.** Atlantik okeanyň basseýniniň çetki ýarymýapyk deňzi. **10.** Gyz ady. **13.** Ýeriň iň beýik nokatlarynyň biri. **15.** At idediji, ata seredýän, ýylkyban. **16.** Hil taýdan pes, talabalaýyk däl. **17.** Bir dilden beýleki bir dile geçirilen söz, eser. **21.** Göçme sirkiň çykyş görkezýän çadyry. **24.** Ýapragy tuduňka meňzeş, ösümligi üzüme çalymdaş garaja ownuk miweli ot. **26.** Matanyň bir görnüşi. **27.** «Saçbagyň ujunyň simdir işmesi, üstünden ýol düşse ... aşmasy» (Magtymguly). **28.** Balygy sanjyp tutmak üçin ujuna üç sany demir çiş berkidilen uzyn taýak. **29.** Lift öndürýän kompaniýa. **30.** Amerikada bir döwlet. **31.** Heňňam, ýaşaýyş. **33.** Gülüň bir görnüşi. **34.** Bede ýada ýandak we ş.m. küde edýän, küde basmakda ulanylýan maşyn. **35.** Ýelkenli gäminiň bir görnüşi. **38.** Ýaşajyk, terje. **42.** Ýewropada bir döwlet. **47.** Bezzat. **48.** Italiýada Rimiň çäginde ýerleşýän şäher, döwlet. **49.** Täzelikde, ýaňy-ýakynda. **50.** Hususy, ýekebara. **51.** Gyz-gelinleriň dakynýan bezeg şaýy. **52.** Tansyň bir görnüşi. **53.** Azar, ezýet. **54.** Demir ýollarda şpallara berkidilen, üstünden otlynyň tigirleri ýöreýän insizje polat ýol.

## 36-njy KROSSWORD

**Gülälek Haýdarowa,** *Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň mugallymy.*

Üç ölçegli suratyň içinde başga bir şekil gizlenen. Ony görmek üçin «gözüň bilen seretmeli, beýniň bilen görmeli». Suraty gymyldatman saklap, bulam-bujar şekiliň aňyrsyna serediň we biraz wagtdan gözüňizi ýuwaşlyk bilen suratdan daşlaşdyryň! Başga bir şekil peýda bolar.

**Birinji gezekde görüp bilmeseňiz, az-kem dynç alyp, täzeden synanyşyň!**







## 10-njy SKANWORD

**Didargeldi ORAZOW,** *Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.*









# «Ahalyň» jogapsyz 7 goly, «Altyn asyr» ýeňiş bilen başlady




Futbol boýunça Türkmenistanyň çempionaty Ýokary Liganyň 30-njy möwsümine badalga berildi. Möwsümiň ilkinji tapgyrynda 3 oýunda ýer eýeleri, 1 duşuşykda-da myhmançylykdaky topar ýeňiş gazandy. Çempion «Altyn asyr» öz meýdançasynda «Energetik» toparyndan 1–0 üstün çykdy. Aragatnaşykçylara ýeňiş getiren ýeke-täk goly 65-nji minutda Myrat Annaýew geçirdi.

Wise-çempion «Ahal» öz meýdançasynda «Nebitçi» bilen duşuşdy. Garşydaşynyň derwezesinden jogapsyz 7 gol geçiren «Ahal» täze möwsüme taryhy ýeňiş bilen başlady. Gollary Elman Tagaýew (14), Arslanmyrat Amanow (22, 56 p), Didar Durdyýew (77, 85 p), Döwran Hojamämmedow (78) hem-de Meýlis Diniýew (90+1) geçirdi.

«Şagadam» bilen «Aşgabat» toparlarynyň arasyndaky oýunda 3 gol geçirilip, ýer eýeleri 2–1 hasabynda ýeňiş gazandy. Hazarýaka şäheriniň toparyna ýeňiş getiren gollary 1-nji ýarymda Kerim Hojaberdiýew (4) bilen Baýramgeldi Nurlyýew (13) derweze girizdi. «Aşgabat» toparynyň ýeke-täk goluny bolsa Şatlyk Gurbanow (67) öz adyna ýazdyrdy.

Tapgyryň myhmançylykda ýeňiş gazanan ýeke-täk topary «Merw» «Köpetdagy» paýtagtda Orazberdi Myradowyň 75-nji minutdaky goly esasynda 1–0 hasabynda ýeňdi.

2-nji tapgyryň duşuşyklary 5–6–7-nji awgustda oýnalar. Derbileriň tapgyry hökmünde görülýän bu tapgyrda «Aşgabat»—«Köpetdag», «Energetik»—«Merw», «Nebitçi»—«Şagadam» hem-de «Altyn Asyr»—«Ahal» duşuşyklary geçiriler.

# «FERRARI» ÝALŇYŞÝAR, WERSTAPPEN ÝEŇIŞ GAZANÝAR

Formula 1 boýunça möwsümiň 13-nji ýaryşy Wengriýada geçirildi. Paýtagt Budapeştdäki 4,3 kilometrlik «Hungaroring» trassasynda geçirilen ýaryşda «Red Bulluň» niderland sürüjisi Maks Werstappen ýeňiji boldy. Ol 10-njy hatardan bat alan ýaryşynda 70 aýlawy 1 sagat 39 minut 35,912 sekuntda tamamlap, şu möwsümdäki 8-nji, karýerasyndaky 28-nji ýeňşini gazandy. «Mercedes» toparynyň britan sürüjileri — Werstappenden 7,8 sekunt yza galan Lýuwis Hamilton 2-nji, karýerasynda ilkinji gezek 1-nji hatardan başlan Jorj Rassell 3-nji ýeri eýeledi. «Red Bulluň» meksikaly sürüjisi Serhio Peresiň 5-nji bolan ýaryşynda «Ferrari» toparynyň sürüjileri Karlos Saýns Junior 4-nji, wagtal-wagtal 1-nji orna geçen Şarl Lekler 6-njy ýere mynasyp boldy. «Ferrari» topary taktiki babatda ýene-de ýalňyşlyklar goýbereni üçin Maks Werstappen ýeňiş gazandy.



Geçirilen 13-nji ýaryşdan soň arany ýene-de açyp başlan Werstappen utugyny 258-e ýetirdi. Ondan 80 utuk yzda barýan Şarl Lekler 2-nji, 173 utukly Peres 3-nji orunda barýar. 158 utugy bolan Rassell 4-nji, 156 utukly Saýns Junior 5-nji ýeri eýeleýär.

F1-iň indiki ýaryşy bir aýa golaý arakesmeden soň, 28-nji awgustda Belgiýada geçiriler.



# UEFA Çempionlar Ligasy

UEFA Çempionlar Ligasynda 3-nji saýlama tapgyryň 1-nji duşuşyklary oýnaldy. Duşuşyklarda 4 topar uly hasaply ýeňiş gazanyp, pleý-off tapgyrynda çykyş etmäge golaýlady. Geçen möwsümde Ýewropa Konferensiýa Ligasynda şowly çykyş eden Norwegiýanyň «Bodo-Glimt» topary öz meýdançasynda Litwanyň «Žalgiris» toparyndan 5–0 üstün çykdy. Serbiýanyň «Srwena Zwezda» topary-da Ermenistanyň «Pýunik» toparyny şol hasap bilen ýeňdi. Çempion däl klublaryň duşuşyklarynda «Benfika» Matias Ramosyň het-trik eden oýnunda Daniýanyň «Midtýulland» toparyny 4–1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Jogap duşuşyklary 9-njy awgustda oýnalar.

Şeýle-de, UEFA Çempionlar Ligasynda pleý-off tapgyrynyň bijeleri çekildi. Toparçalarda çykyş etjek soňky 6 kluby kesgitleýän bijelerde Türkiýäniň çempiony «Trabzonspor» bilen Daniýanyň çempiony «Kopengagen» bije çekişdi. Galan 5 duşuşygyň toparlary bolsa 3-nji saýlama tapgyrynyň oýunlaryndan soň belli bolar. Pleý-off tapgyrynyň duşuşyklary 16–17-nji hem-de 23–24-nji awgustda oýnalar.

**3-nji saýlama tapgyrynyň 1-nji duşuşyklarynyň netijeleri:** «Makkabi Haýfa»—«Apollon Limassol»: 4–0, «Garabag»—«Ferenswaroş»: 1–1, «Ludogores Razgrad»—«Dinamo Zagreb»: 1–2, «Şerif»–«Wiktoriýa Plzen»: 1–2, «Bodo-Glimt»—«Žalgiris»: 5–0, «Srwena Zwezda»—«Pýunik»: 5–0, «Monako»—PSW: 1–1, «Dinamo Kiýew»—«Şturm Gras»: 1–0, «Union Sent-Žillua»—«Reýnjers»: 2–0, «Benfika»—«Midtýulland»: 4–1

**Pleý-off tapgyrynyň bijeleri:** «Garabag»/«Ferenswaroş»—«Şerif»/«Wiktoriýa Pl», «Bodo-Glimt»/«Žalgiris»—«Ludogores»/«Dinamo Z», «Makkabi H»/«Apollon»—«S. Zwezda»/«Pýunik», «Trabzonspor»—«Kopengagen», «Dinamo K»/«Şturm»—«Benfika»/«Midtýulland», «Union Sent-Žillua»/«Reýnjers»—«Monako»/PSW

# 9-njy GEZEK GEÇIRILEN ÝARYŞDA 8-nji ÇEMPIONLYGYNY GAZANDY

Kolumbiýada geçirilen 9-njy Günorta Amerika futbol çempionatynda Braziliýanyň zenanlar ýygyndysy çempion boldy. Olar Bukuramanga şäherinde oýnalan finalda ýer eýeleri Kolumbiýanyň ýygyndysyndan 1–0 üstün çykdy. Sambaçy zenanlara ýeňiş getiren ýeke-täk goly 39-njy minutda penaltiden Debinýa geçirdi. Şeýlelikde, Braziliýanyň ýygyndysy «Copa America Femenina» ýaryşynda 8-nji gezek çempion boldy (1991, 1995, 1998, 2003, 2010, 2014, 2018, 2022). 9-njy gezek



geçirilen çempionatda Braziliýanyň ýygyndysyna diňe 2006-njy ýylda çempionlyk gazanmak başartmady. Argentinada geçirilen şol çempionatda ýer eýeleri kubogy eýeläpdi. Kolumbiýanyň ýygyndysy soňky 4 ýaryşda 3-nji gezek finalda utuldy.

Ýaryşda 3-nji orna Paragwaýdan 3–1 üstün çykan Argentinanyň ýygyndysy mynasyp boldy. Çempionatyň iň ökde oýunçysy diýlip, kolumbiýaly Linda Kaisedo saýlandy. 6 gol geçiren argentinaly Ýamila Rodriges çempionatyň iň netijeli futbolçysy boldy.

# TUNISIŇ ÝYGYNDYSY

Dünýä Kubogyna tarap



Katar 2022-de çykyş etjek başga bir Afrika wekili-de Tunisiň ýygyndysydyr. Tunisiň milli topary 6-njy gezek Dünýä Kubogyna gatnaşar (1978, 1998, 2002, 2006, 2018, 2022). Ýurtda futbol federasiýasy 1957-nji ýylyň 29-njy martynda esaslandyrylýar. 3 ýyldan soň, ýagny 1960-njy ýylda hem FIFA-nyň, hem-de KAF-yň agzalygyna kabul edilýär.

**Ilkinji duşuşyk:** Tunis—Liwiýa: 4–2 (Tunis, 02.06.1957)

**Iň uly hasaply ýeňişler:** Tunis—Hytaý Taýpeýi: 8–1 (Rim, 1960), Tunis—Togo: 7–0 (Tunis, 2000), Tunis—Malawi: 7–0 (Tunis, 2005), Tunis—Jibuti: 8–1 (Tunis, 2015)

**Iň uly hasaply ýeňliş:** Wengriýa—Tunis: 10–1 (Budapeşt, 24.07.1960)



Wahbi Hazri

## ILKINJI SYNANYŞYK ARGENTINADA

● Tunisiň milli ýygyndysy Çili 1962-ä çenli Dünýä Kubogynyň saýlama tapgyryna-da gatnaşmaýar. Çilide geçen çempionatyň saýlama tapgyrynda çykyş etse-de, olara final tapgyryna gatnaşmak başartmaýar. 1966-njy ýyldaky ýaryşdan çekilen Tunisiň ýygyndysy (edil beýleki afrikalylar ýaly) 1970-nji we 1974-nji ýyllardaky Dünýä Kubogynyň saýlama tapgyryny geçip bilmeýär. 1978-nji ýylda Argentinada geçirilen 11-nji Dünýä Kubogy Tunisiň gatnaşan ilkinji çempionaty bolýar. Demirgazyk Afrikanyň wekili ilkinji gezek gatnaşan ýaryşyna ýeňiş bilen başlaýar. Meksikanlar 1–0 öňe saýlansa-da, soňlugy bilen Tunisiň ýygyndysy 3–1 hasabynda ýeňiş gazanýar. Gollary Kaabi, Gommidih hem-de Dhueib geçirýär. 55-nji minutda hasaby deňlän Ali Kaabi Tunisiň Dünýä Kubogyndaky ilkinji goluny geçiren oýunçy hökmünde adyny taryha ýazdyrýar. 2-nji duşuşykda Polşadan 1–0 asgyn gelen tunisliler 3-nji duşuşygynda Günbatar Germaniýa bilen golsuz deňme-deň oýnaýar we umumylykda 3 utuk olaryň ýaryşy dowam etmegi üçin ýeterlik bolmaýar.



Jalel Kadri

## 20 ÝYLDAN SOŇ IKINJI GEZEK GATNAŞÝAR

● Tunisiň ýygyndysyna Dünýä Kubogyna 2-nji gezek gatnaşmak laýyk 20 ýyldan soň başardýar. Fransiýa 1998 Dünýä Kubogynda «G» toparçada Angliýadan 2–0, Kolumbiýadan 1–0 utulýar. Rumyniýa bilenem 1–1 deňme-deň oýnaýar (Suaýa 12 p — Moldowan 71). 2002-nji ýylda Koreýa we Ýaponiýada geçirilen çempionatda «H» toparçada Russiýadan 2–0 utulan Tunis Belgiýa bilen 1–1 deňme-deň oýnaýar (Buazaiene 17 — Wilmots 13). Ýaponiýadan 2–0 utulan Tunis edil Fransiýadaky ýaly bu çempionaty hem 1 utuk bilen tamamlaýar. Germaniýa 2006 olaryň yzly-yzyna 3-nji, umumylykda 4-nji Dünýä Kubogy bolýar. Bu çempionatda-da «H» toparça düşen Tunisiň ýygyndysy edil mundan öňki iki ýaryşdaky ýaly netije alýar. Saud Arabystany bilen duşuşyp, soňky minutlarda ýeňlişden halas bolýar (2–2, Jaziri 23, Jaidi 90+2 — Al-Kahtani 57, Al-Jaber 84). 2-nji duşuşygynda Mnariniň goly bilen öňe saýlansalaram, Ispaniýadan 3–1 utulmakdan halas bolup bilmeýär. 3-nji duşuşygynda bolsa Ukrainanyň ýygyndysyndan 1–0 utulýar. Mundan soň 12 ýyllap Dünýä Kubogynyň daşynda galan Tunisiň ýygyndysy Russiýa 2018-de «G» toparçada Angliýadan 2–1, Belgiýadanam 5–2 asgyn gelýär. 1-nji oýunda Sassi, 2-nji duşuşykda Bronn hem-de Hazri Tunisiň gollaryny geçiren oýunçylar bolýar. 3-nji duşuşygynda Panamany Ben Ýussef hem-de Hazriniň gollary bilen 2–1 ýeňip, Dünýä Kubogynyň taryhyndaky 2-nji ýeňşini gazanýar.

**Dünýä Kubogynda geçiren duşuşyklary:** 15 oýun, 2 ýeňiş, 4 deňlik, 9 ýeňliş, 13—25 gol

**Dünýä Kubogynyň saýlama tapgyryndaky duşuşyklary:** 112 oýun, 62 ýeňiş, 30 deňlik, 20 ýeňliş, 192—86 gol

Afrikanyň Milletler Kubogynda (2004) hem-de FIFA Arap Kubogynda (1963) 1 gezek çempion bolan Tunisiň ýygyndysyna esasy ýerli tälimçiler tälim berýär. Olardan Raşid Turki, Mohtar Ben Nasef, Ameur Hizem, Abdulmejid Çetali, Ýussuf Zuaoi, Mrad Mahjub, Faouzi Benzarti, Mondher Kebair dagy bellenmäge mynasypdyr. Tunisiň ýygyndysyna iň uzak wagtlap tälim beren fransiýaly Rože Lemer bolup, olar onuň döwründe yklymyň çempionlygyny gazanýar. Polşaly Rysard Kulesa, Henryk Kasperçak, italiýaly Françesko Skolia, fransiýaly Alan Žiress dagy topary daşary ýurtly belli tälimçileridir. Häzirki wagtda topara ýerli hünärmen Jalel Kadri tälim berip, ol şu ýylyň başynda bu wezipä bellenilýär.

50 ýaşyndaky Kadri Katar 2022-de şägirtleriniň arasyndan Bilel Ifa, Montassar Talbi, Ali Maalul, Hannibal Mejbri, Ferjani Sassi, Wahbi Hazri, Ýussef Msakni, Seifeddin Jaziri, Naim Sliti ýaly ýyldyzlaryna uly ynam bildirýär. Ýöne olara «D» toparçadan Fransiýadyr Daniýanyň hem-de Awstraliýanyň ýygyndylaryndan öňe saýlanmak ýeňil düşmese gerek. Tunisiň bu ýaryşda hem 1 ýa-da 3 utukdan köp gazanmazlygy mümkin...

**Iň köp duşuşyk geçirenler:** Radhi Jaidi — 105 oýun, Çokri El-Uaer — 97, Haled Badra — 96

**Iň köp gol geçirenler:** Issam Jemaa — 36 gol, Wahbi Hazri — 24, Fransilueda Santos — 21



**TUNISIŇ MILLI ÝYGYNDYSYNYŇ KATAR 2022-DÄKI DUŞUŞYKLARY:**

▶ 22-nji noýabr (18:00):
**DANIÝA — TUNIS** («Al Wakra», Al Janub)

▶ 26-njy noýabr (15:00):
**TUNIS — AWSTRALIÝA** («Al Wakra», Al Janub)

▶ 30-njy noýabr (21:00):
**TUNIS — FRANSIÝA** («Edukeýşn Siti», Al Raýýan)

# TÄZE MÖWSÜME BADALGA BERILÝÄR

**Şu gün Ýewropanyň öňdebaryjy çempionatlarynyň 3-sine — Angliýanyň «Premier Ligasynyň», Germaniýanyň «Bundesligasynyň», Fransiýanyň «Ligue 1»-iň täze möwsümine badalga berler. Olardan başga-da, Niderlandlaryň («Eredivisie»), Portugaliýanyň («Premeira Liga») hem-de Türkiýäniň («Süper Lig») milli çempionatlarynyň hem täze möwsümi başlanar.**










## «PREMIER LIGANYŇ» 31-nji MÖWSÜMI

● Angliýanyň «Premier Ligasynyň» 31-nji, umumylykda Angliýanyň ýokary ligasynyň 124-nji möwsümi şu gije başlar. Möwsümiň ilkinji duşuşygynda Londonyň iki wekili «Kristal Palas» bilen «Arsenal» güýç synanyşar. Täze möwsümde-de «Mançester Siti» çempionlygyny goramak üçin göreşer. Şol sanda «Liwerpul», düzümine täze oýunçylar goşan «Tottenham» we Londonyň beýleki 2 wekili «Çelsi» bilen «Arsenal», tälimçisini çalşan «Mançester Ýunaýted» çempionlygyň esasy dalaşgärleri hasaplanýar. 2023-nji ýylyň 28-nji maýynda tamamlanjak çempionata noýabr-dekabr aýlarynda Dünýä Kubogy zerarly 1,5 aý töweregi arakesme berler (13-nji noýabr – 26-njy dekabr).




«Championship»-iň çempiony «Fulham» 1 ýyldan, «Bornmut» 2 ýyldan hem-de pleý-offlarda ýeňiş gazanan «Nottingam Forest» 23 ýyldan soň «Premier Liga» dolandy. Transfer möwsüminde 12 futbolçyny düzümine goşan «Nottingam Forest» topary «Premier Liga» döwründe iň uzak wagtlap dolanyp bilmedik klub hökmünde hasaba alyndy. «Fulhamyň» gelmeginden soň «Premier Ligadaky» London klublarynyň sany 7-ä ýetdi. «Premier Ligada» ilkinji gezek bir möwsümde Londonyň 7 kluby çykyş eder.

Toparlaryň «Mançester Ýunaýtedden» galany ozalky tälimçileri bilen täze möwsüme başlar. 20 klubuň 5-sine ýerli iňlis tälimçileri tälim berer. Şol sanda Ispaniýadan, Portugaliýadan, Germaniýadan 2, Italiýadan, Niderlandlardan, Fransiýadan, Uelsden, Demirgazyk Irlandiýadan, Şotlandiýadan, Daniýadan, ABŞ-dan hem-de Awstriýadan 1 tälimçi «Premier Liga» wekilçilik eder.

## «BUNDESLIGANYŇ» 60-njy MÖWSÜMI

● Şu gije «Bundesliganyň» hem 60-njy möwsümine badalga berler. Çempionatyň açylyş duşuşygynda «Aýntraht» öz meýdançasynda soňky çempion «Bawariýany» kabul eder. 18 klubuň çykyş edýän çempionatynda «Bawariýanyň» ýene-de çempionlygyň iň esasy dalaşgäridigini anyk aýtsa bolar. Münhen şäheriniň klubuny 10 ýyldan bäri owsarlaýan topar bolman, «Bundesliganyň» ýubileý möwsüminde-de oňa taý tapylmaz. Geçen möwsümiň ahyrynda Edin Terziçi wezipä bellän Dortmundyň «Borussiýasy», şeýle-de «Baýer», «Leipsig», «Aýntraht» ýaly klublar hem öňdäki orunlara dyrjaşjak klublar hasaplanýar. «Bundesliga» hem 13-nji noýabrda arakesmä girer we 10 hepdeden soň, ýagny 2023-nji ýylyň 20-nji ýanwaryndan başlap, galan ýerinden dowam eder.




Gelzenkirheniň «Şalke» topary bilen Bremeniň «Werder» topary 1 ýyllyk «Bundesliga 2»-de çykyş edeninden soň, täzeden ýokary liga dolandy. Berliniň «Herta» topary pleý-off tapgyryndan soň ligada galmagy başaryp, «Bundesligadaky» ýeke-täk şäher derbisini saklamagy başardy. Ýeri gelende bellesek, «Bundesliganyň» täze möwsüminiň ilkinji hepdesinde Berlin derbisi oýnalyp, «Union Berlin» öz meýdançasynda «Hertany» kabul eder. Berlin şäheri şu möwsümde «Bundesligada» 2 kluby bolan ýeke-täk şäherdir.

«Bundesligadaky» 18 klubuň 12-sine nemes tälimçileri tälimçilik edýär. Şeýle-de, Awstriýadyr Şweýsariýadan 2, Daniýadan, Horwatiýadan hem-de ABŞ-dan 1 tälimçi tälim berýär.

## «LIGUE 1»-iň 85-nji MÖWSÜMI

● Ýewropanyň öňdebaryjy 5 çempionatynyň ýene biri-de şu gün başlap, ol hem Fransiýanyň çempionatydyr. «Lill»–«Aýaçção» duşuşygy bilen başlanjak «Ligue 1»-de soňky gezek 20 klub çykyş eder. 2023/24 möwsüminden başlap 18 kluba düşüriljek çempionatda möwsümiň ahyrynda 4 klub aşaky liga düşer. Çempionlygyň şu möwsümde-de iň esasy dalaşgäri PSŽ bolmak bilen bir hatarda, oňa «Lion», «Monako», şol sanda «Marsel», «Lill» klublary päsgel berip biläýjek beýleki toparlardyr.

Çempionatyň 85-nji möwsüminde «Ligue 1»-iň iň köp çempionlyk gazanan 2 klubunyň biri «Sent-Etien» topary bilen 6 gezek çempion bolan «Bordo» kluby çykyş etmez. Ady agzalan 2 klub «Mets» topary bilen bilelikde aşaky liga düşdi. Olaryň ornuna «Tuluza» 2, «Aýaççio» 8 hem-de «Oser» 10 ýyldan soň «Ligue 1»-e çykmagy başardy.



Iýul aýynyň başlaryna çempionaty 1–2-nji orunlarda tamamlan 2 topar, ýagny PSŽ bilen «Marsel» klubunyň ikisi hem argentinaly tälimçilerini (Maurisio Poçettino, Horge Sampaoli) özara düşünişmezlikler sebäpli wezipesinden boşatdy. PSŽ-de fransiýaly hünärmen, 2021-nji ýylda «Lill» toparyny çempion eden Kristof Galtie, «Marselde» bolsa horwatiýaly Igor Tudor wezipä bellenildi. Şol sanda «Lill», «Lorien», «Nissa» toparlary-da tälimçilerini çalşan beýleki klublardyr. «Ligue 1»-de 20 klubuň 13-siniň tälimçiligi ýerli hünärmenlere ynanyldy. Galan beýleki 7 kluba Ermenistandan, Niderlandlardan, Horwatiýadan, Portugaliýadan, Şweýsariýadan, Belgiýadan, Ispaniýadan tälimçiler tälim berer.

# SUPER KUBOGYŇ ÝEŇIJILERI

**Ýewropada geçen hepdäniň şenbe güni 5 Super Kubogy duşuşygy geçirilip, şol oýunlarda jemi 27 gol hasaba alyndy. 2 oýunda 8, 2 oýunda-da 4, 1 oýunda-da 3 gol geçirildi. Şol 5 duşuşygyň 3-sinde Super Kubogy ýurduň çempiony bolan toparlar eýelediler. 2-sinde bolsa ýurduň kubogyny eýelän klublar çempiondan ökde çykdylar.**

● Angliýanyň Super Kubogyna «Liwerpul» topary mynasyp boldy. 100-nji gezek oýnalan «FA Community Shield» duşuşygynda çempion «Mançester Sitini» Trent Aleksander-Arnoldyň (21), Mohamed Salahyň (81 p) hem-de täze transfer Darwin Nunýesiň (90+4) gollary bilen 3-1 ýeňen «Liwerpul» 16-njy gezek bu kubogy eýelemegi başardy. «Mançester Sitiniň» ýeke-täk goluny täze transfer Hulian Alwares (70) geçirdi. Soňky gezek 2006-njy ýylda bu kubogy eýelän «Liwerpul» topary bu ugurda «Mançester Ýunaýtedden» (21) soň 2-nji ýerde barýar.



● Fransiýanyň Super Kubogy ugrundaky duşuşykda ýeňiş gazanan çempion PSŽ boldy. Parižliler «Nant» topary bilen duşuşyp, garşydaşyny 4–0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. PSŽ-niň gollaryny 22-nji minutda Lionel Messi, 45+5-nji we 82-nji (p) minutlarda Neýmar hem-de 57-nji minutda Serhio Ramos derweze girizdi. Şeýlelikde, PSŽ topary 11-nji gezek Fransiýanyň Super Kubogyna mynasyp boldy (1995, 1998, 2013, 2014, 2015, 2016, 2017, 2018, 2019, 2020, 2022).



● Germaniýanyň Super Kubogy duşuşygy Leipsigdäki «Red Bull Arenada» oýnalyp, «Bawariýa» topary kubogyň eýesi «Leipsigi» 5–3 hasabynda ýeňdi. Eýýäm 1-nji ýarymda 3 gol geçiren «Bawariýanyň» adyndan Musiala (14), Mane (31), Pawar (45), Gnabri (66) hem-de Sane (90+8) tapawutlandy. «Leipsigiň» gollaryny bolsa Halstenberg (59), Nkunku (77 p) hem-de Olmo (89) geçirdi. Şeýlelikde, «Bawariýa» bassyr 3-nji, umumylykda 10-njy gezek (1987, 1990, 2010, 2012, 2016, 2017, 2018, 2020, 2021, 2022) Germaniýanyň Super Kubogyny eýelemegi başardy.



● Niderlandlaryň Super Kubogy duşuşygynda çempion «Aýaks» kubogyň eýesi PSW-den 5–3 asgyn geldi. Amsterdamda oýnalan duşuşyk çekeleşikli we dartgynly geçip, eýndhowenlileriň gollarynyň 3-sini Guus Til (32, 45+2, 69), beýleki ikisini Gakpo (65) bilen Simons (90+1) geçirdi. 78-nji minutda goragçysy (Kalwin Bassi) gyzyl kart alan «Aýaksyň» adyndan Bergwiýn (15), Antoni (54) hem-de Kudus (72) tapawutlandy. Şunlukda, PSW topary bassyr 2-nji, umumylykda 13-nji gezek Niderlandlaryň Super Kubogyny eýeläp, öz rekordyny ösdürdi.



● Stambuldaky Atatürk stadionynda oýnalan Türkiýäniň Super Kubogy duşuşygynda çempion «Trabzonspor» kubogyň eýesi «Siwassporу» 4–0 hasabynda ýeňdi. «Trabzonspora» ýeňiş getiren gollaryň 3-sini daniýaly futbolçylar Andreas Kornelius (37, 51) bilen Ýens Stryger Larsen (64) hem-de gresiýaly Anastasios Bakasetas (76 p) geçirdi. «Trabzonspor» bu kubogy 3-nji gezek eýelemegi başardy (2010, 2020, 2022). «Trabzonspor» topary ozalky ady Prezidentiň Kubogy ady bilen oýnalýan döwürlerinde-de 7 gezek eýeläpdi.



● Portugaliýanyň Super Kubogyna-da çempion «Porto» mynasyp boldy. Olar bu ugurda kubok ýaryşynyň finalçysy «Tondela» toparynyň derwezesinden jogapsyz 3 gol geçirdi. Gollaryň ikisini eýranly Mehdi Taremi (30, 82), beýlekisini-de braziliýaly Ewanilson (33) derweze girizdi. «Porto» topary «Supertaça Candido de Oliveira» adyndaky bu kubogy 23-nji gezek asmana göterdi.






Sahypany taýýarlan Hajymyrat SÖÝÜNOW.

*Dünýä Kubogynyň taryhyndan*

# FUTBOL WATANYNY HALADY




8-nji Dünýä Kubogy 1966-njy ýylyň 11–30-njy iýuly aralygynda futbolyň watany hasaplanýan Angliýada geçirilýär (8 şäherde). FIFA 8-nji Dünýä Kubogynyň Angliýada geçiriljekdigini 1960-njy ýylda Rimde bolan ýygnanyşygynda mälim edýär. Bu Dünýä Kubogyny guramak üçin Ispaniýadyr Günbatar Germaniýa hem dalaşgär bolupdy. Saýlama tapgyrynda 74 ýygyndy çykyş edip, olaryň 14-si final tapgyryna ýollanma alýar. Ýer eýeleri Angliýa, şol sanda soňky çempion Braziliýa bilen bir hatarda, jemi 16 ýygyndy (Ýewropadan 10, Günorta Amerikadan 4, Demirgazyk Amerikadan 1, Aziýadan 1) 4 toparçada çykyş edýär.

**1-nji toparçada** çempionatyň açylyş duşuşygynda Angliýa bilen Urugwaý duşuşýar we oýunda hasap açylmaýar. Ýer eýesi iňlisler soňky 2 duşuşygynda garşydaşlary Meksikadyr Fransiýany 2–0 hasabynda ýeňip, toparçada 1-nji ýeri eýeleýär. Duşuşyklarda Rojer Hant 3 gezek tapawutlanýar. Fransiýany ýeňip, Meksika bilen deňme-deň oýnan ilkinji çempion Urugwaý hem ýaryşy dowam etdirmäge hukuk gazanýar.

**2-nji toparçada** Günbatar Germaniýa, Argentina, Ispaniýa we Şweýsariýa duşuşýar. Nemesler 1-nji oýnunda şweýsarlaryň torundan jogapsyz 5 gol girizýär (Hled 16, Haller 21, 77 p, Bekkenbauer 40, 52). Argentina bilen golsuz deňme-deň oýnan Germaniýa soňky duşuşygynda ispanlary Emmerih we Zeeleriň gollary esasynda 2–1 ýeňýär. 1-nji duşuşygynda Ispaniýany 2–1, 3-nji duşuşygynda-da Şweýsariýany 2–0 ýeňen Argentina 5 utuk bilen toparçada 2-nji ýeri eýeleýär. Bu 2 oýunda Luis Artime 3 gol geçirýär.

**3-nji toparçada** ilkinji gezek gatnaşýan Portugaliýa, Wengriýa, soňky çempion Braziliýa hem-de Bolgariýa özara güýç synanyşýar. Braziliýa Bolgariýany Peledir Garrinçanyň gollary bilen 2–0, Portugaliýa Wengriýany 3–1 hasabynda utýar. Toparçadaky 2-nji oýunlarda Wengriýa Braziliýany 3–1, Portugaliýa bolsa Bolgariýany 3–0 ýeňýär. Asly mozambikli bolan super ýyldyz Eýsebio Dünýä Kubogynda ilkinji goluny geçirýär. 3-nji duşuşyklarda Portugaliýa Eýsebionyň 2 gol geçiren oýnunda Braziliýadan 3–1 üstün çykýar we çempiony öýüne ugradýar. Edil şeýle hasap bilen bolgarlary ýeňen wengerler ýaryşy dowam edýär.

**4-nji toparçada** öňki SSSR, Afrikanyň wekilleriniň ýaryşdan çekilmeginden soň ýollanma alan we ilkinji gezek gatnaşýan Demirgazyk Koreýa, şol wagta çenli Dünýäniň 2 gezek çempiony Italiýa hem-de 1962-nji ýylda ýaryşyň guraýjysy Çili duşuşýar. Öňki Soýuzyň ýygyndysy 1-nji oýnunda koreýleri 3–0 hasabynda utýar. Oýunda Malofeýew (2) bilen Banişewski tapawutlanýar. Mundan 4 ýyl öň dartgynly wakalara baý bolan Italiýa—Çili duşuşygy bu gezek asuda ýagdaýda geçýär we italýanlar 2–0 hasabynda ýeňiş gazanýar. Çislenkonyň goly bilen Italiýany 1–0 ýeňen ozalky Soýuzyň ýygyndysy Çilini hem Porkuýanyň gollary esasynda 2–0 utýar. Çili bilen 1–1 deňme-deň oýnan debýutant koreýler Italiýany 1–0 hasabynda ýeňip, çärýek finala çykýar.

### TÄZE ÝYLDYZ EÝSEBIO

● Çärýek finalda Angliýa Argentinany Jeff Hörstüň ýeke-täk goly bilen 1–0 ýeňýär. Çempionlaryň duşuşygynda Günbatar Germaniýanyň ýygyndysyna Urugwaýy ýeňmek kyn düşmeýär. Halleriň 2, Bekkenbauereň hem-de Zeeleriň gollary bilen 4–0 hasabynda ýeňiş gazanan nemesler 4-nji sapar ýarym finala çykýar. 1-nji duşuşykda nemes, 2-nji duşuşykda iňlis eminiň bolmagy jedelli ýagdaýlaryň döremegine sebäp bolýar. Sebäbi eminler her duşuşykda myhmanlaryň bir oýunçysyny meýdançadan çykarýar. Netijede, ýewropalylar Günorta Amerikanyň 2 wekilini ýaryşdan çykarýar. 4 ýyl öň Çilide ýarym finalyň bosagasyndan gaýdan SSSR-iň ýygyndysy çärýek finalda Wengriýany Çislenko we Porkuýanyň gollary bilen 2–1 ýeňýär. Çärýek finalyň iň ýatda galan oýny çempionatyň iki täze wekiliniň — Portugaliýa bilen Demirgazyk Koreýanyň ýygyndylarynyň arasynda oýnalýar. Liwerpuldaky «Goodison Park»-da geçirilen oýnuň entek 1-nji minuty dolmanka koreýler Pak Seun-ziniň goly bilen hasaby açýar. 25-nji minutda hasap 3–0-a ýetýär. 1-nji ýarym tamamlanmanka Eýsebio aratapawudy 1 gola düşürýär. Ýyldyz oýunçy 2-nji ýarymda-da 3 minutyň dowamynda 2 gol geçirýär. 80-nji minutda Augusto oýna soňky nokady goýýar we Portugaliýa 5–3 (Eýsebio 27, 43 p, 56, 59 p, Augusto 80 — Pak Seun-zin 1, Li Don-wun 22, Ýan Seun-kuk 25) hasabynda kynlyk bilenem bolsa, ýeňşini baýram edýär.




**Ýarym finalyň** oýunlary birmeňzeş hasaplar bilen tamamlanýar. Günbatar Germaniýa SSSR-i Halleriň 43-nji we Kaýzer lakamly Bekkenbaueriň 67-nji minutdaky gollary bilen 2–1 ýeňýär. Ozalky Soýuzyň ýygyndysyna Porkuýanyň 88-nji minutdaky goly ýeňiş üçin ýeterlik bolmaýar. «Wembley»-däki beýleki oýunda-da, ýagny Angliýa–Portugaliýa duşuşygynda rowaýaty futbolçy Bobbi Çarltonyň 30-njy we 80-nji minutlardaky gollary bilen iňlisler 2–0 öňe saýlanýar. Şol wagta çenli gol geçirtmän gelýän Angliýanyň torundan çempionatdaky ilkinji pökgini 82-nji minutda Eýsebio penaltiden geçirýär. Ýöne bu diňe iňlisleriň gol geçirtmezlik hasabatyny üýtgedýär (Angliýa—Portugaliýa: 2–1).

28-nji iýulda «Wembley»-de Portugaliýa bilen SSSR-iň ýygyndylary bürünç medal ugrunda duşuşýar. Çekeleşikli geçen oýunda Portugaliýa 12-nji minutda Eýsebionyň goly bilen 1–0 öňe saýlanýar. 43-nji minutda Malofeýew hasaby deňleýär. Duşuşygyň tamamlanmagyna 1 minut galanda, ýagny 89-njy minutda Torres Portugaliýanyň ýygyndysyna Dünýä Kubogy ýaryşlaryndaky ilkinji we häzirlikçe ýeke-täk medalyny gazandyran goly geçirýär.

### GOL GEÇENDIGI HENIZEM BELLI DÄL

● Final duşuşygy 30-njy iýulda «Wembley»-de oýnalýar. Ýer eýesi Angliýa bilen 1901-nji ýyldan bäri iňlisleri ýeňip bilmän gelýän Germaniýanyň (Günbatar) ýygyndylarynyň finalynda şweýsariýaly emin Gottfrid Dienst jürlewük çalýar. Duşuşyga tomaşa etmek üçin 96 924 janköýer ýygnanýar. 12-nji minutda Helmut Haller garaşylmadyk ýagdaýda nemesleri öňe çykarýar. Ýöne dessin oýnuň jylawyny ele alan iňlisler 6 minutdan soň Jeff Hörstüň goly bilen hasaby deňleýär we 1-nji ýarym 1–1 gutarýar. 2-nji ýarymda-da howply pursatlar dörese-de, soňky minutlara çenli skorborddaky hasap üýtgemeýär. 78-nji minutda Martin Piters Angliýany 2–1 öňe saýlaýar. Bu goldan soň iňlisleriň ýeňşe ynamy artýar. Ýöne 89-njy minutda Wolfgang Weber hasaby deňleýär we ýeňiji goşmaça wagtda kesgitlenmeli bolýar. Goşmaça wagtda-da, has takygy, 101-nji minutda futbolyň taryhyndaky iň uly jedelli waka ýüz çykýar. Jeff Hörstüň batly uran urgusy ýokarky kese agaja (sütüne) degip, derwezäniň içine girýär. Belki-de girmeýär. Şol pursatda baş emin Dienst SSSR-li gapdal emin Tofik Bahramowa (azerbaýjanly) seredýär. Ol hem topuň derwezä girendigini mälim edýär. Häzirki wagtda-da topuň derwezäniň aşaky çyzygyny geçip-geçmändigi näbelli bolup, şol pursady iňlisler görkezse, gol, nemesler görkezende bolsa, top derwezä girmeýär. Megerem bu jedel hiç wagt hem anyk çözülmese gerek. Duşuşyga dolansak, 120-nji minutda Jeff Hörst ýene bir gol geçirip, oýna soňky nokady goýýar. Şeýlelikde, goşmaça wagtda 4–2 üstün çykan futbolyň watany Angliýa ilkinji we häzirlikçe ýeke-täk çempionlygyny gazanýar. Jeff Hörst bolsa Dünýä Kubogynyň finalynda het-trik eden ilkinji we häzirlikçe ýeke-täk futbolçy bolýar. Angliýanyň ýygyndysy 1934-nji ýyldan soň öz meýdançasynda çempionlyk gazanan 3-nji ýygyndy hökmünde hasaba alynýar. Ondan öň Urugwaý (1930) bilen Italiýanyň (1934) ýygyndylary şeýle başarnyk görkezipdi.

### GEÇIRILEN DUŞUŞYKLAR

**1-nji toparça:** Angliýa—Urugwaý: 0–0, Fransiýa—Meksika: 1–1, Angliýa—Meksika: 2–0, Urugwaý—Fransiýa: 2–1, Urugwaý—Meksika: 0–0, Angliýa—Fransiýa: 2–0. **2-nji toparça:** G. Germaniýa—Şweýsariýa: 5–0, Argentina—Ispaniýa: 2–1, Ispaniýa—Şweýsariýa: 2–1, G. Germaniýa—Argentina: 0–0, Argentina—Şweýsariýa: 2–0, G. Germaniýa—Ispaniýa: 2–1. **3-nji toparça:** Braziliýa—Bolgariýa: 2–0, Portugaliýa—Wengriýa: 3–1, Wengriýa—Braziliýa: 3–1, Portugaliýa—Bolgariýa: 3–0, Portugaliýa—Braziliýa: 3–1, Wengriýa—Bolgariýa: 3–1. **4-nji toparça:** SSSR—D. Koreýa: 3–0, Italiýa—Çili: 2–0, D.Koreýa—Çili: 1–1, SSSR—Italiýa: 1–0, D.Koreýa—Italiýa: 1–0, SSSR—Çili: 2–1

**ÇÄRÝEK FINAL:** SSSR—Wengriýa: 2–1, Portugaliýa—D.Koreýa: 5–3, Angliýa—Argentina: 1–0, G. Germaniýa—Urugwaý: 4–0

**ÝARYM FINAL:** G. Germaniýa—SSSR: 2–1, Angliýa—Portugaliýa: 2–1

**3-NJI ÝER:** Portugaliýa—SSSR: 2–1

**FINAL:** Angliýa — Germaniýa: 4–2 (g.w.)

### GYZYKLY MAGLUMATLAR

◆ Çempionatda çykyş eden Pablo Forlan (Urugwaý) hem-de Jan Jorkaýeffiň (Fransiýa) ogullary 2002-nji ýyldaky Dünýä Kubogynda çykyş edýär (Diego Forlan we Ýuri Jorkaýeff).

◆ Demirgazyk Koreýa we Portugaliýa ilkinji gezek Dünýä Kubogyna gatnaşýar.

◆ Afrika döwletleriniň ýygyndylary FIFA nägilelik bildirip, saýlama tapgyryna gatnaşmaýar.

◆ «World Cup Willie» atly ýolbars şekilli nyşan Dünýä Kubogy ýaryşlarynyň ilkinji maskoty boldy.

◆ Çempionatyň bije çekilişik dabarasy 6-njy ýanwarda Londonda bolup, ilkinji gezek teleýaýlymda görkezilýär.

◆ Duşuşyklary ak-gara ýaýlymda görkezilen soňky Dünýä Kubogy bolýar. Mundan soň futbol muşdaklary Dünýä Kubogyna reňkli ekranlarda tomaşa edip başlaýar.

◆ 8 gol geçiren «Gara pantera» lakamly ýyldyz oýunçy, portugaliýaly Eýsebio ýaryşyň iň netijeli futbolçysy bolýar.

## ANGLIÝA 1966

**Çempion:** Angliýa
**2-nji ýer:** Günbatar Germaniýa
**3-nji ýer:** Portugaliýa
**4-nji ýer:** SSSR

**Gatnaşan toparlar (16):** Angliýa, Argentina, Braziliýa, Bolgariýa, Çili, Demirgazyk Koreýa, Günbatar Germaniýa, Meksika, Italiýa, Ispaniýa, Fransiýa, Wengriýa, Portugaliýa, SSSR, Şweýsariýa, Urugwaý

**Geçirilen wagty:** 11–30-njy iýul (1966)
**Geçirilen duşuşyk:** 32 oýun
**Geçirilen gol:** 89 (ortaça 2,78)
**Tomaşaçy:** 1 563 135 (ortaça 48 484)

## Angliýanyň ilkinji ÇEMPIONLYGY



Futbol boýunça zenanlaryň arasyndaky 13-nji Ýewropa çempionatynda Angliýanyň ýygyndysy çempion bolmagy başardy. Angliýada geçirilen çempionatyň finalynda ýer eýeleri bilen Germaniýanyň ýygyndysy duşuşdy. «Wembley» stadionynda oýnalan finalyň 1-nji ýarymy golsuz tamamlandy. Duşuşygyň 62-nji minutynda 2-nji ýarymda oýna giren Ella Tun iňlisleri öňe saýlady. 79-njy minutda Lina Magull hasaby deňledi. Duşuşygyň esasy wagty 1–1 hasabynda gutaryp, goşmaça 30 minut berildi. Goşmaça 30 minutyň hem ilkinji 15 minutynda hasap üýtgemedi. Duşuşygyň 110-njy minutynda jerime meýdançasynyň içindäki başagaýlykdan ýerlikli peýdalanan Hloe Kelli hasaby 2–1-e ýetirdi. Bu duşuşykdaky soňky gol bolup, Angliýanyň ýygyndysy taryhynda ilkinji gezek Ýewropanyň çempiony bolmagy başardy. Angliýanyň zenanlar ýygyndysy mundan öň 2 gezek finalda utulypdy. 1984-nji ýylda çempionlygy Şwesiýa, 2009-njy ýylda Germaniýa aldyran Angliýanyň ýygyndysynyň tälimçisi Sarina Wigman 2017-nji ýylda öz ýurdy Niderlandlardan soň iňlisleri hem çempion edip, taryhy başarnyk görkezdi.

Germaniýanyň ýygyndysy ilkinji gezek finalda utulyp, olar mundan öňki 8 finalda kubogy eýeläpdiler.

### IŇ KÖP TOMAŞAÇYLY FINAL BOLDY

Angliýanyň ýygyndysynyň ýyldyz futbolçysy Bet Mid çempionatyň iň ökde oýunçysy diýlip saýlandy. 27 ýaşyndaky futbolçy germaniýaly Aleksandra Pop bilen bilelikde çempionatyň iň netijeli futbolçysy boldy. Oýunçylaryň ikisi hem 6 gol geçirdi. Popuň şikesi sebäpli finalda oýnap bilmändigini hem ýatladalyň. Germaniýaly Lena Oberdorf çempionatyň iň ökde ýaş oýunçysy baýragyna laýyk görüldi. Çempionata umumylykda 574 865 janköýer tomaşa etdi. Şolaryň 87 192-si final duşuşygyna gatnaşdy. Bu bolsa zenanlaryň hem-de erkekleriň arasyndaky Ýewropa çempionatlarynyň iň köp tomaşaçyly finaly diýmekdir.


## TÜRKMENISTANYŇ «HALKBANK» PAÝDARLAR TÄJIRÇILIK BANKY

**Bagtyýar zamanamyzyň hormatly işewürleri!**

Türkmenistanyň «Halkbank» paýdarlar täjirçilik banky işewürlere hasaplaryny döwrebap we ýönekeýleşdirilen usulda dolandyrmaga mümkinçilik berýän **«Internet-banking»** hyzmatyny hödürleýär.

Bu hyzmat bilen ýurdumyzyň islendik künjeginden internede birikdirilen enjam arkaly:

- ✓ *Bank hasaplarynyň galyndysyny barlamak we hasaplaryň göçürmesini almak;*
- ✓ *Satyn alnan harytlar we ýerine ýetirilen hyzmatlar üçin hasaplaşyklary geçirmek;*
- ✓ *Alnan karz serişdelerine gözegçilik etmek;*
- ✓ *Bank bilen onlaýn tertipde habarlaşmak, maglumat alyşmak we beýleki bank hyzmatlaryndan peýdalanmak ýaly dürli görnüşli bank amallaryny özbaşdak ýerine ýetirip bilersiňiz.*

**«Internet-banking»** hyzmatyny birikdirmek isleseňiz Türkmenistanyň «Halkbank» paýdarlar täjirçilik bankynyň merkezi edarasyna ýa-da islendik şahamçasyna ýüz tutup bilersiňiz.

Işewürler tarapyndan degişli resminamalar doldurylandan soňra, bankdan alnan ulanyjynyň adyny we açarsözüni ýörite internet-sahypadaky salgylanma girizip, bu hyzmatdan peýdalanyp bilersiňiz.

Türkmenistanyň «Halkbank» paýdarlar täjirçilik bankynyň **«Internet-banking»** hyzmaty Size serişdeleriňizi günüň islendik wagtynda ygtybarly dolandyrmaga we wagtyňyzy tygşytlamaga ýardam berer!

***Habarlaşmak üçin telefon belgilerimiz:***
**44-49-60, 44-48-43, 44-48-36.**

***www.halkbank.gov.tm***

**«Halkbank» – bankyň esasy gymmatlygy müşderilerdir!**



CYRIA
HOJALYK HARYTLARY
VIKO OSRAM PHILIPS Schneider Electric Radium CATA CETIL FORM HOROZ ELECTRIC DOLPHIN deli
Tel.: 47 40 06, +993 65 53 40 28
E-mail: turkmenaydyn@gmail.com
Salgymyz: Aşgabat şäheriniň Andalyp köçesiniň 76-njy jaýy. Işewürlik we söwda merkezi, 1-nji gat.



DURMUŞ TEHNIKASY ÜÇIN ÄTIÝAÇLYK ŞAÝLARY DÜKANY
Магазин запчастей для бытовой техники
РЕАЛИЗУЕМ:
.фреон для автомобильных кондиционеров;
.фреон для холодильников и кондиционеров всех марок;
.моторкомпрессоры для сплит систем и оконных кондиционеров всех марок;
.моторкомпрессоры и электродвигатели для бытовых, витринных и промышленных холодильников;
.электродвигатели для пылесосов;
.запасные части для стиральных машин.



Market Dükan
Tel.: 96 07 67
865 09 57 67



Лиц. № 1-19-20-1439, № 1-19-20-1211
ULKE ENERGY
Специализированное предприятие ИП «ULKE» предлагает Вам квалифицированные услуги по монтажу, наладке и ремонту электрооборудования напряжением 0,4-35кВ, ремонт различных электродвигателей 0,4 - 10000кВт, силовых трансформаторов любой мощности напряжением до 10кВ, промышленных генераторов от 20кВт - до 10мВт, водяных насосов различных типов.

ИП«ULKE» является официальным представителем холдинга ALAGEUM ELECTRIC (Казахстан) и поставляет промышленное электрооборудование от производителя (трансформаторы, КТПН, оборудование для ОРУ и ЗРУ, НВ и ВВ ячейки).
alageum electric



Туркменистан, г. Ашхабад, ул. 2087 (Ага Бердыев) д.163
Тел.: +99312 23 37 28; Факс: +99312 23 14 87; E-mail: ulke_enerji@mail.ru; www.ulke.parahat.info